NOBATGULY REJEBOW

# DÜNÝE HAÇAN NAMART OLDY?!

*(powest)*

Elektron görnüşe geçiren:

**«YLYMLY»**

ylymly.com@gmail.com

# DÜNÝE HAÇAN NAMART OLDY?!

*(powest)*

***Ýazyjy Agageldi Allanazarowa bagyşlanýar.***

Garabil hem, Ýahbil hem, Ýellibil hem günorta tarap uzap etiň süňke bitişi ýaly, baryp Garly daglara sepleşip gidýär. Bi baýyrlaryň arasyna gelseň, Taňrynyň mähriban demi bilen gursagyňa salan jany, göýä kapasadaky bilbilgöýä ýaly pelesaň kakyp, daş çykjak bolup dyzaýar. Ýaşyl gyrtyç bolup asmana galyp barýan baýyrlar zenan synalaryna: omzuna, göwsüne, sagrysyna, biline çalym edip aklyňdan jyda düşürýär. Hanha, dereden düýn agşam ýagma keýpinden çykan lemmer-lemmer ak bulut dünýäniň dälije ýeline owsunyp barýar. Şeýle gözelligi döreden Allatagalanyň ynsany ýaradyp goýberen ýalňyşlygyna gyýylýarsyň!

Öň goly gapanly gaplaň aranyny süýräp barýar: gan joralanyp topraga duşmançylygyň tohumy ýaly seçelenýär. Aran malalap ekip gelýär. Ýogsa gaplaň adama dostam däl, duşmanam, sebäp ol-a adam etini iýenok, adam hem gaplaň etini! Onda bi näme?! Görogly beg: «Tüpeň çykyp dünýä namart boldy» diýipdir, gaplaň ony bilenok, ýöne ol adam dünýäň namart bolandygyny, tebigatyň sazlaşygynyň elhenç

bozulandygyny bilýär.

Gaplaň gapany däl-de, agyr kysmatyny süýräp, dogup dörän tokaýlygyny nazarlap gelýär. Her kes ölüm müddeti golaýlanynda doglan ýerinde jan bermegi küýseýär, sebäp o ýerde oňa jan bermek ýeňil!

Adamyň yzyny yzarlap gelýändigine gaplaňyň akly ýetýär. «Etjegiň edip indikiň näme diý!.. Geliber bakaly, gapyl ynsan, kasas kyýamata galýan däldir!».

Ähli janly-jandar ýaly gaplaňam adamy halanok, çünki ynsan barypýatan mahluk: ne ys alyp bilýä, ne duýýar. Şagal ýaly porsy şagalam gaplaňyň ýatan tokaýyny bilýär-de aýlanypjyk geçýär, emma ynsan bilenok. Mahluk kemi ýok! Ne ýagyş, ne gar ýagjagyny, ne depesinden betbagtlyk abanjagyny, ne gorpa gitjegini biler. Akly diňe gözüniň görýänje zadyna ýeter! Zompa üstüňden geler-de, gorkusyna durandyr süňk-süýegini şakyrdadyp. Gözleri göz däl-de, iki damja gözýaşdyr, bir arlasaň damjak bolup durandyr. Emma sypdygy bir hilejik gurar! Päheý, namart diýse! Hawa-da, Taňry ony namart ýaratmajak bolsa, ýene iki aýagy gysganyp durmazdy, ile meňzeş edip goýbärdi.

Haýwanat dünýäsi ynsany mahluk, gapyl hasaplaýar, çünki ynsanyň pikirlenişi örän ýönekeý! Arifmetika!

Adamzat haýwanaty mahluk hasaplaýar, çünki ol haýwana berlen adatdan daşary akyldan mahrum! Ol ynsana hiç wagt mälim bolmajak kosmiki matematika!

Gaplaň uzak ýöredi, alnynda endamyna ýaňy ýaşyllyk çaýylyp ugran ümürsin tokaýly Egrije göründi. Pendililer Murgap derýasyna Egrije diýýärler. Egrije diýseň Egrije! Mes gelin ýaly guýrugyny hä çepine, hä sagyna çaýkap, iki gumuň arasyna sygman dünýäde özünden gaýry zat bardyr öýtmän akyp ýatyr. Ýaşulular: «Murgaby dogrulasaň, dogry Hazar deňzine ýetýär» diýýärler. Ol ýeter, ýok ony ýetirerler, ony gönelderler, çünki ynsan göwnüne gelen işi edýär, aklyna aýlanyp hem buduna urýar...

Gaplaň bir salym saklanyp mähriban tokaýyna nazar aýlady, tumşugyny talawladyp bahar howasyny ysgady, birden onuň burnuna agyr hem hapa ys urdy, ol ýaňadan howany ysgap lezzet aldy. Ol dem bilen onuň ýüregindäki sorkuldy zym-zyýat boldy, golundan joralanýan gan togtady, dowzah tupany turýan gursagyna ýaşaýyş ýeli çaýyldy. Ar almak hyrujyndan ýaňa gözleri jöwherlenip gitdi.

«Gelýär, geliber bakaly! ».

Gaplaň bir belent baýyrdan pese inen ýaly etdi-de,

aşagy gar sary samanly çakyçlyga dolandy, sary reňkler garyşdy-da, gaplaň bilen ynsan garpyşdy!..

Güýç hem hile garpyşdy!

* * *

Garry Döwdalan bu ahwala garaşýardy, özem çak edişi ýaly boldy, Baýlym baý öňüne oba kethudasynam, hanynam, orsuň baýarynam salyp gelmedi. Diňe başdan aýaga ýaraglanan inisi bilen geldi. Ol baýyň salamynam, habarynam aldy.

– Ganymy sorap geldim, aksakal!

– Gaty gowy edipsiň. Ganyňy şüpille aljakmy ýa ata-baba dessur boýunça?

– Şüpille!

Gündiziň güni göz edilip ogly öldürilen Baýlym baý bilen inisiniň gözünden çilim otlabermelidi. Özlerine näçe erk etjek bolsalar-da, saňňyldaýandyklary, sesleriniň endireýändigi mesaňady. Goja Döwdalan:

– Döwdalan bolsaň, çykyp hatara duruň! – diýip gygyrdy. – Ýerden ýöräniň!..—diýibem yzyna suňşurdy. Nämäniň nämediginden habarly döwdalanlaram, bihabar körpelerem, ýaňyja kesilen jüllüjeginiň kesmegi gopup ugranam hatara durdular. Aýal-ebtatlar

gapydan boýnuny uzadyp bilmän, ýakalaryna tüýkürip, ýetişibildiklerinden Alla ýalbarýardylar. Garry Döwdalanam iň soňunda hataryň öňüne baryp durdy.

– Baýlym baý, biziň dogma seniň dogmaň ganyna galypdyr. Ýaramaz iş edipdir. Gana gan ata-baba dessur, ynha, döwdalanlar seniň öňüňde biýarag durlar. Ganyňy al! Ýöne... yzynyň ýönesem bardyr!

– O nämäniň ýönesi?

– Bilmedikden bolma, baý! Sen ogluň metjide barýany üçin öldürilmändigini bilýäň-ä!.. Seň aryňy ýerine sal, ýöne soňundan, men märekäniň öňünde Guwan ýetimi gelniň öýüne girdirjekdigimem bilip goý!..

– Aksakal, gepe ýel berme, Guwan ýetimiň, gelnine girileni bilen bolan-goýan iş ýok!

– Guwan ýetimdenem bolan-goýan zat bolmaz, ýöne şoňa çydamaly borsuň!.. Atyber indi, ýönäm şol...

– Guwan ýetimiň aryny almak size galmandyr, onuň bilen köprüde götüňiziň galtaşan ýeri ýok!

– Göt-pöt diýen boluberme! Ýetime, ýesire güýjümzorluk etseň, döwdalanlaryň ýetip gelýändigini sen unudan borly! Indi nämä dursuň!?

Guwan ýetimli gürrüňiň yzynyň ýönesi oňa oglunyň

ölüminden beter degmese, kem degmedi. Öýe düşenine bir ýylam bolmadyk maýaly-maňyzly gelniniň otagyna girilip barylýana dönen baý aljyrady, bir inisiniň ýüzüne, birem döwdalanlara seretdi. Inisem namysa çydap bilmän, ýere garady. Baýlym baý bilen inisi doňňara daş bolup esli duransoň, goja Döwdalan dillendi.

– Baýlym baý, dünýede ölümden beter jeza-da bardyr görseň...

Baýlym baý haşlap dem alanyny duýman galdy. Ol gözlerini ýumdy, çekge süňkleri tutgaýlyňky ýaly oýnap başlady. Birhaýukdan inisine seredip hyrra yzyna öwrülip gelen ýerine ýumlukdy, inisem onuň hereketlerini gaýtalady.

Dünýäniň aladasyndan alysdaky gögele döw¬dalanlar hut öz babasynyň iki sany gelmişegiň öňünde tutuş neberelerini duruzanyna namys etdiler. Ýaňyja jüllüjegi kesilen kiçijik döwdalan bolsa, etegini galdyryp Baýlym baý dagynyň giden tarapyna bakyp çüwdürip ugrady. Düýp Döwdalan ardynjyrady, onsoň döw¬dalanlar işli-işine gönükdi, öýde aýallar haşlaşyp dem alyp Allalaryndan minnetdar boldular.

* * *

Gumuň astynda gyşdan zordan çykan gömülgen ýaly

bir çalajan pikir beýniniň bir künjünde müňňüldedi, ol Ganlybaşyň iň soňky deminde edip ýetişen ahyrky pikiridi! «Namart ölmeli boldum-ow»... Ýene bir pikir beýnide ýandak odunyň uçguny ýaly yşyrajak boldy, emma başarmady. Endige görä, ol gözüni açjak boldy, o-da bolmady! Göwresi bolsa ýokdy, göwresi hakda düýbünden pikir hem ýokdy! Ganlybaş ölendigine diri mahaly ymykly göz ýetiripdi, ol gabryny sermeläp görmek isledi, emma göwräň gymyldysy barmy! «Ölen bolsam!.. Onda bi hümürdi näme, Heňkir-müňkürdir!..» Ol ýaňadan zulmat tününe garşy erksiz-ygtyýarsyz süýşüp gitdi...

– Döwdalan, melamatyň ýüzi aňryk, indi munuň demine degilmez!

– Pahaý, Ýalama, gepiň-gürrüňiň dagy näteňet! Bir gorra gaplaň bilen salam-helik etdim diýip ölüp gidibermeli bormy! Ýaradan ölenden Ýaradanyň ýaradany bolmaz!

– Ýarasyndan öler diýýän ýok saňa! Gaplaňyň agzy päkize eken!

– Gaplaň ýalamadyr-da, häli-şindi dodagyny ýalap, päkizeleýändir-dä!

Zulmatdan yşyrap gelýän gudrat ýene onuň beýnisini

yrap gördi! «Men haýsy dünýädekäm!? Ýagty ýalançyda bolsam gymyldardym». Ol gymyldajak boldy, emma tutuş göwresi kölçede buz bilen gatap galan balyk ýalydy. Birden ol özüniň hopugýanyny, dem alyp bilmän sojaýanyny duýdy, gyssanjyna urunmak isledi, göwresindäki sähelçe hereket onuň beýnisini ýer goduklan ýaly tisgindirdi! «Ölmändirin!» Begençden ýaňa kalbynyň bir ýerinden gözýaşa derek damarlar bilen gözüne awy süýşüp ugrady. Garryja enesini ýalňyz galdyryp ölüp gitmändigi hakydasyna gelip damagyna agy hykga doldy...

Ganlybaş ümezli gözlerini açdy, zat saýgarmasa-da gözleriniň açylanyny saýgardy. Ol ukudan oýanandygyny ýa beýhuş bolup özüne gelendigini takyklajak boldy. Ganlybaşyň kepen öýdeni deridi, tebip iki sany uly öwejiň derisi bilen ony ykjam gundapdy...

– Çöpi tükenmändir! Ajala dagy dözüp bolmajak nazarkerde ýigit eken!

– Ýalama, biziň umytly ojaga diri gelen diri gitsin. Melhemiňi gysganma, bir gamyşgulak bedew serpaýyň bar!

Bi Döwdalan atly gojanyň güňleç sesidi. Ganlybaşam çölde özüni bilmän ýatan mahaly şu gojanyň guly

Şerip tapyp düýesine ýükläp getiripdi. Döwdalan ol gojanyň lakamydy, düýp Döwdalanyň oňa dakan ady Gerdandy, emma Gerdan adyny öz ýanynda heder edip tutaýmasalar, Pendi ilaty oňa Döwdalan diýerdiler. Tebip ýaly deň-duşlar-a onuň ýüzüne-de Döwdalan diýip bilýärdi. Gerdan aga-da ogullaryna öz ýanyndan iň gowy atlary saýlap-seçip dakypdy. Onuň üç aýalyndan jemi sekiz ogly bardy. Şajahan, Şagylyç, Şabasan, Şagelen, Şaberdi, Şamyrat, Şadurdy, iň körpejesi Şajyk... Emma barybir onuň ogullaryna-da döwdalanlar diýýärdiler. Şondan soň goja agtyklaryna at dakyp ber diýseler: «Aý, Döwdalan diýiberseňizlän, öňi-soňy olara-da Döwdalan diýerler», diýýärdi. Aslynda Döwdalan at goja-da akgasyndan geçipdi. Akgasy Sahyguly golça alamandan gelýärkä, gumda Albassa duşupmyş, Albassy bilen tutluşyp, onuň kellesinden bir penje saçyny ýolupmyş. Şondan soň Albassy onuň hyzmatynda gezipdir: hum getir diýse hum getiripdir, pul getir diýse — pul. Ýöne Sahyguly golça öýden çykdygy, onuň gelnine kä derejeden, kä gapydan jyklap, «Saçymy beräý» diýip özelenip ýörmüş. Bizar peteňi çykan gelin ahyr Albassyň saçyny berip goýberipdir, şondan soň uzak ýaşaman Sahyguly golça ýeldirgäpdir.

Döwdalanyň ogullaryna ene başga dogan diýer

ýaly däl. Baýrajyň gaty bir synçy adamy bolmasa, Döwdalanyň haýsy oglunyň haýsy aýalyndandygyny bilýän hem ýokdy. Döwdalanam, ogullaram asla ony biljek hem bolanokdylar. Olar atasynyň ogludy, ata bolsa Gerdan Döwdalan!..

Ganlybaşy nämälim bir güýç ýaňadan ýagty ýalançydan dartyp, nämälimlige, tümlüge, gaýry bir dünýä dartyp ugrady. Ol uka batyp barýanynam, özünden gidip barýanynam, ajalyň holtumyna dolaşyp barýanynam aňşyrmady, ýoňsuz güýje tabyn boldy, her hal tebip onuň dadyna ýetişdi. Burnuna tutulan ýiti ys oglany asgyrtdy. Pallap jan gidermiş diýleni ýaly, gabaklary göterildi, gözleriň öňünden duman syrylyp, açylan gapydan dört künjek ýagty gudrat bolup ala gözler garap dur. Görülmedik gudrat onuň göwresine jan bolup girdi. Gyzyň gözlerinden çykýan yşyk onuň garaňky dünýäsine şugla saçdy, näzijekden endiräp çykýan ses onuň endamyna melhem bolup ýaýrap gitdi.

– Baba, nahar çekelimi?

– Owlagym, nahar-nowa syrkaw-sökele soralyp berilýändir. Getiriber, bokurdakdan ötjek zat bolsa getiriber. Garry babaň bi dünýäde ýygnap-ýygşyranyny halallap gitsin!

Ganlybaş alasarmyk halda gyzyň gözlerinden gözüni zordan aýryp asmana dikdi, şol pursat ol özüniň ýer bilen asmanyň arasynda däl-de, iki dünýäniň arasynda gurlan leňkebut torunda hallan atyp durandygyny duýdy.

Pagsa jaýyň ortarasynda Şahanyň Buharadan getiren demir pejinde ýylgyn ody gübürdäp dur. Ýalama lakamly Seýit tebip Ganlybaşyň daşyna oralan goýun derilerini emaý bilen aýryp ýaralaryny täzeläp, melhem ýapyşdyrdy. Ganlybaşyň endamy malgama derdi-yza el bilen aýrylan ýalydy, ýöne, ine, tebip ýaralary haýsydyr bir derman suw bilen ýuwup melhem ýapmaga başlanyndan, onuň göwresindäki yza ketegi çokjalanan ary ýaly hüwläp, ýüregine düşüp alyp barýardy. Asyl onuň endam-janynda ýara düşmedik ýeri ýok borly.

– Haram gatan, daraklab-a bilipdir! – diýip, tebip gaplaňa käýindi, ýöne öz edip oturyşy gaplaňyňka gaýra dur diýdirýärdi. Ýatanyň jany bardyr öýtmän, jübtegi bilen ýaralary arkaýyn çokap otyr. Ganlybaş diş gysýardy. Her hal tebip ýarym sagat çemesinden soň ýaralary sarap boldy. Onýança Melewşe eli çäýnekli gapydan girdi. Gyz ýarata seretdi, seretmän biljek däldi, çünki bi eňegi nal ýaly berdaşly, görmegeý, ýüzi sary esgi ýaly ýigidiň hol düýpde görnýän ullakan gözlerinde bir

jynssyz ýiti ýagtylyk göründi. Ol şeýle jynssyz ýagtyny mamasynyň gözünde-de görüpdi, mamasy pahyr şondan üç günden soň ýagty jahan bilen hoşlaşypdy. «Bi pahyram ölüp gidibirmikä?» diýen heder bilen ol ýaratynyň gözlerine ýaňadan seretdi, bar, şol jynssyz ýiti ýagty ýaratynyň içine çöküp giden gözlerinde bar. Melewşäniň ýüregi ynjap, agyryp gitdi...

Agşamara Ganlybaş bijaý üşüdip başlady, sandyrap, galpyldap gidip barýar. Döwdalanyň agtygy, ýedi-sekiz ýaşly Janybeg tüsseledip, aldygyna peje odun salýar. Tebip iki ýorganyň üstünden Döwdalanyň beren boldan tikilen possunynam ýapdy, gazandan Melewşäniň getirip beren duzuny halta salyp, dabanlaryna goýdy. Ganlybaş bolup ýatyşyndan utanyp näderini bilenokdy, ýer ýarylanokdy, ol girenokdy. Melewşe tebibiň demläp gel diýen gülşen otuny demläp getirdi. Sandyrap ýatan Ganlybaşyň gözi ýene bi yhlasly gyzyň jadyly nazarlaryna ýolukdy. Diş gysyp galpyldysyny galdyrdy. Gyzyň okara ýaly ala gözlerinden ýyldyrym çakyp, onuň gözlerinden endamyna täsin bir gyzgynlyk ýaýrap ugrady. Ganlybaş sekunt saýyn başga bir adama öwrülip barýardy. Melewşe öz-özünden uýalyp, ýaňaklaryny sabanyň aly ýaly gyzardyp, çykyp gitdi.

Melewşe Döwdalanyň uly ogly Şajahanyň gyzydy. Ol

bolanda Baýrajyň dilewarlary:

– Ahaw, bi Döwdalanlaryň kalbyna-da adamçylyk aralaşypdyr, Şajahanyň hakyýt gyzy bolaýypdyr – diýişdiler.

Düýp Döwdalan ähli neberesiniň içinden ala-böle Melewşäni gowy görerdi. Öz tohum-tijinde ýeke gyzlygy üçinem bolsa ahmal, ýöne Melewşäniň hyzmatynam goýaý. Ol gulpagyny tasadyp ugraly bäri, babasynyň çaý-suwuny özi getirip berýärdi. Babasyna bolsa diňe iýer-içer getirmek üçin dik duran biri gerekdi. Melewşäniň ýaş çagaly iň ýaş gelnejesi ýazlaga äkidilmändi, ol bir eli bäbekli uzak gün gazanyň başyndan aýrylyp bilmeýärdi, ýöne ony ýokuş hem görmeýärdi. Bolmalysy şeýledir öýderdi. Döwdalanlaryň işe ýarany ýazlaga gideli bäri Melewşe-de dokap oturan halysyndan düşüpdi.

Baýraçlylar: – Bir Döwdalany bakanyňdan iki jüp öküzi bakanyň aňsat – diýip, ýönelige aýtmaýarlar.

Tebip melhemli çaýdan içen Ganlybaşyň üstüni gowy basyryşdyryp, pejiň başyna bardy, çoýun pejiň agzyny açyp, kesewi bilen közlerini agzyna sürüşdirdi.

– Ynha, myhman, dermanyň gowsuny indi ederin men saňa, nädersiň erte şumatlar tanapyňa towsup dursaň...

– Ýagşy ýigit, tebip seni bi derdiňden açar, ýöne soň seni açylmaz bir derde-de ýolukdyr. Nädersiň obaňa süpük tirýeki bolup baraýsaň!.. Özi ýaly emeli eder bi seni...

Pendiler tirýeki adama emeli adam diýýärler. Megerem, bi tirýeki adamyň diňe neşe bilen adam bolýandygy üçin diýilýän bolsa gerek!

– Bäş-üç ýola çekeniň bilen tirýeki bolubermelimi!?. Ozalam bir neşebent: «Puly bolup neşe çekmeýän kişiniň, pulsuz bolup neşe çekjek bolýan kişiniň oglannam bir…» diýip, tebip rowaýaty sögünji bilen aýdyp berdi. Ol pyçagyny alyp, simini gazaşdyryp oda saldy, üstüne köz çekişdirdi.

– «Gurt ýarasyn ýalap gutar» diýip eşitdiňmi? – Ol Ganlybaşa ýüzlendi. – Haýwanlaryň ýarasynyň emi tüýküligidir. Adamyňkam şeýle. Barmagyňa tiken batsa-da – eliňi agzyňa elteniňi duýman galarsyň. Tüýkülik örän dermandyr. Bi neşe diýeniň bolsa, ýylan çakanynda zäherini sorup Musa pygamberiň tüýküren ýerinden gögeren çöp ahyry. Myň dermanlygyny goýaý ýöne...

– Ýene şuň ýaly iki tebibi bolsa Baýrajyň işi gaýtdy bil!

Ganlybaşyň göwnüne bolmasa gapy däl-de, Jennetiň gabsasy açylyp, ondan Jennetiň perizady giren ýaly boldy. Ýöne bi gezek Melewşe Ganlybaşa tarap nazaryny hem aýlaman tebibiň ýanynda hum çäýnegi goýdy. Getiren matasy bilen basyrdy. Edil şol mahal ýaňy sesine labyz ýaýran jüýje horaz gygyrdy. Tebip:

– Köşegim, eşidýämiň, şojagaz jüýje horazy belle. Ertir nesip bolsa, myhmana şorja çorba içirmeli bolar... – diýdi.

Melewşe çalaja ýylgyryp çykyp gitdi. «Eý-ho, beýle-de bir ýylgyryş bor eken». Melewşäniň söz bilen beýan edip bolmajak ýylgyryşy Ganlybaşyň ýüregine deryýanyň ýukajyk tolkuny ýaly çaýyldy. «Näme üçin ol bi gezek nazar hem aýlamady!? Ýa neşe çekenimi göräýdimikä?!» Melewşe ýaňadan girip uly mejimäniň üstünde deňje dört käselenen garrygyz gawuny getirip, gelşi ýalam çykyp gitdi. Ýaralarynyň yzasynyň deregine Ganlybaşyň ýüreginde sorkuldy başlady...

Tebip:

– Döwdalan üstüne kepek hem sepdiräýmeli ekeniň – diýdi... – Ahyr aşa düşüp Baýrajy ile peçan edersiň!

– Ýogsa-da Döwdalan keselläp ölüpdir-ä diýip eşitmersiň!

Gojalar gülüşdi. Jaýa gawunyň ýakymly ysy ýaýrady.

– Gawun diýeniň asylam ýakymsyz zat. Ýyl aşanynyň-a ýüzüne köz degsin.

– Hä, öz-ä ýakymsyzdyr bi!

Tebip simine lokgalap goýnuň çöri ýaly tirýegini çekip bolýança Döwdalan hem bitin gawuny halallady.

Bu mahal Ganlybaş yşkyň, neşäniň hem däri-dermanlaryň güýjünden alasarmyk halda ukynyň goýnuna bakan süýşüp barýardy...

* * *

Ganlybaşyň üstünden Döwdalanyň guly Şerip gul gabat gelip düýä ýükläp oba getiripdi.

Şeribi Şajahana Buharadaky aşnasy Salamat baý peşgeş beripdi. Ene-atasynyň ýoklugyny, bazarda satyljak bolup durka dözmän satyn alandygyny, döwdalanlary elin görüp berýändigini aýdypdy. Şerip gara zähmet üçin dörän oglan bolup çykdy. Gijesini gündiz edip ylgady. Murty tabap ugransoňam ony Döwdalan guma, çoluk edip iberipdi. Şerip döwdalanlaryň ählisine akga diýip, garry Döwdalana ata diýýär. Asyl maşgala soň goşulana meňzeş däl. Öten ýyl garry Döwdalan:

– Şerip han, ýigit çykdyň, adam bolduň, saňa

öýlenmäge, bäş-üç ýyl bol-elin ýaşamaga pul bererler, sen indi azat, alla ýaryň bolsun – diýipdi. Şerip ör-gökden gelip:

– Ata, ata jan, men nirä gideýin? – diýip özelendi.

– Şajahan kerwene goşar, ýurduňa aş, belki, dogan-garyndaşlaryňy taparsyň...

– Ata, meniň ýurdumam ýok, enem-atamam, garyndaşymam...

– Beý diýme, köşek... Her kesiň gumy alnan ýeri bardyr, ana adama şol ýerden eziz ýer ýokdur...

– Ýok-ýok, ata men hiç ýere gitjek däl... Gaýrat ediň, meni kowmaň! Men sizden gidip nämiş edeýin? Nirä gideýin... ýok, ýok!!!

– Sen gul, ýöne bütin ömrüňi gul bolup geçirip bolmaz! Sen git, hanym, öýlenersiň, illenersiň...

Şerip gitmedi, dagy gul nirä gitsin!? Onuň barjak ýeri — zynjyr, etjegi — gulçulyk, iýjegi — dürre. Ol başga hili durmuşy bilenok. Öňi-soňy gulçulyk etjek bolsaň, Döwdalanyňkydan amat ýer ýok. Garry Döwdalan ony ýük görenokdy, emma ýetişen guly gapyda saklamaly däldigini hem bilýärdi. Gul gul bolýardy. Pendiden öýlendireýin diýse-de, iliň gepinden gaçýardy, sebäp

ýaşulular oňa «Gerdan, saryklary dürüşde edip çykjak sen, bes et!» diýipdi.

Şerip şeýlelik bilen Döwdalanlaryň hyzmatynda gezip ýördi. «Gelin göwni ýelekde, guluň göwni melekde» diýlişi ýaly, Şerip gul hem Melewşä daşyndan aşykdy, Melewşäniň ýüzüne şindi bir gezek hem ine-gana bakyp görmedik hem bolsa aşykdy...

* * *

Niçe günläp basyrganyp ýatyp bilmeýän, gijäniň özündenem uzyn düýş görüp çykýan Bike eje Tokga mama düýşüni ýordurmaga gitjek boldy, ýöne ol haýsy birini ýordursyn: uzyn gijesi düýş, asyl gözüni ýumsa düýş ony toruna dolap alaýýar ahyry. Özem moşjuk düýş. Ol niçe günläp gara bermedik oglundan na dynçdy, ýüregi bir ýakymsyzlygy syzýardy. Ýogsa, oglunyň gelerin diýip giden müddetinden bir hepde – on gün geçirip gelýän halaty kän bolýardy, emma ene ýüreginiň beýle bikarar bolan gezegi ýadyna düşenok. Ol oturyp-turup karar tapmady. Ol ertirden bäri Allaly ussanyň dükanynyň ýanyna üýşüp duran adamlaryň içinde Amady hanyň bardygyny magat bilse-de, aýagy çekmändi. Ahyry ol özünden rüstem gelip, sary bürenjegini galgadyp Allaly ussanyň dükanyna garşy

ugrady.

Obanyň orta gürpünde ýerleşýän Allaly ussanyň dükanynyň öňi mydam bazardyr. Küşt bolsa güzeranyny unudýan göçgünli küştçüler iki tarap bolup ala gykylykdyr. «Ony göçde, muny göç!» Düzzümçilerem öz oýunlaryny küştden kem görmän, «goşa düzzüme düşensiň, han» diýip ala wagyrdyr. Allaly ussanyň bi ýagdaýa werziş aýaly uzak gün agtygyndan çaý ugradar, nahar bişende nahar eltdirer. Beýleräkde bolsa çagajyklar matal aýdyşyp otyr. Olaram iki topardyr. Aslynda tarap-tarap bolmak ynsanyň ganynda bar bolarly. Birinji topar, matal aýtdy:

– Enesi daşdan,

Atasy dagdan,

Bir peri gelýär —

Hünjüsi çygdan.

Ikinji topar matalyň jogaby hamana birden biriniň görejine ýazylan ýaly, birek-birege bakyp, kelle döwüp ugradylar, emma matalyň jogaby tapdyrly däldi.

– Janlymy, jansyz?

– Janly diýseňem boljak, jansyz diýseňem...

– Öýdeçimi-düzdeçi?

– Düzdeçi...

Ikinji topar bilmedi. Birinji topardan ekabyrragy:

– Bilmedik bolsaňyz, ýurt beriň! – diýdi.

– Bar, Rumustan siziňki bolsun!

– Ýok, Rumustanyň derkar däl, Hindistany berersiňiz!

– Bujagaz pohly matala Hindistany berip bolmaz!..

Küştde-de, düzzüme-de goşulman, Allaly ussanyň agtygynyň getiren çaýyny öňüne alyp gaýtaryp oturan goja:

– Päheý, öz ýurduny aldyran goňursy gullar, Rumustan gerek dälmiş size – diýip käýindi.

Bu günki küşt hasam gyzykdy, çünki Jantaýdan Allaly ussa gyrkylyk buýrup giden üç-dört sany jantaýly bilen Amady dagy oba-oba bolup oýnaýardy. Myhmany hezzetläp ak çöp olara berlipdi. Myhmanlary hezzetläp, Amady han myhmanlaryň tarapyndan bolup Haşym hükgä lak atdy:

– Haşym han, hany jantaýlarda it masgarasy bolşuňy gürrüň bersene!

Kellesi mähnet, göwresi kiçijik, ýagyrnysy hem arkasy örküçli hükgi:

– Akga, sen meniň utan ýerimem aýtdyr-da – diýip, degilmese bagry gijäp barýan Haşym hezil etdi. Jantaýlardan gelen bir sada sary pyýada häliden bäri bi wäşi hükgini synlap otyrdy. Küşt bilmeýän hem bir zat etmeli ahyry. O bende dünýädäki betbagtlaryň barynyň meňzeş bolşy ýaly, taňrynyň hükgüleriniň hem juda meňzeş bolýandygyny nirden bilsin. Hükgä lak atdy: bar weli görseň, aýna sereden ýaly bolarsyň – diýdi. Jantaýlynyň nyşana münenini bilen Haşym, tarsa dyzyna galdy:

– O näme diýip Jantaýda bir hükgi bar?! – diýdi.

Beýle soraga garaşmadyk sary pyýada äm-säm bolup, töweregine garady:

– Jantaýdaky beýleki hükgini nätdiňiz? Hä? Öldürdiňizmi?! Akgam pahyr «Arkaýyn bol, Jantaýda iki doganyň bardyr!» diýýärdi. Hany onuň beýlekileri? – diýip, Haşym hükgi şerraýlyga urdy. Oturanlar gyzyl-gyran gülüşdiler. Sary pyýadanyň ýüzi gijilewük degen sygryň ýelni ýaly gyzardy. Jantaýlylar erbet boldy, ony syzan Amady myhmanlary oňaýsyz ýagdaýdan çykarjak bolup amat söz agtardy, edil şol mahal Bike ejäniň gelmesi kemem bolmady.

– Gel, Bike eje – diýip, ol gürrüňem, gülkinem

ýatyrdy.

Gyzyl-gyran gülşenler ýeňlerine gözýaşlaryny sylyp, Bike ejä salam berdiler. Jantaýlaňam jany aram tapdy, her hal olar gyzyl pyýada alarylýardylar.

– Amady, iniň Ganlybaşyň gapanyny alyp guma gidenine iki hepde bolup barýar, habar-hatyr ýok.

– Pahaý, Bike ejemiňem bizowh bolup ýören zadyny... Bu wagt çöl diýeniň Behişt ahyry. Bu wagt çöle çykyp bir aýdan köwlenip bilseňem zor boldugyňdyr. Dirikäň Jennet göreýin diýseň, al meňem enemi ýanyňa, kejebeläp Ýahbile eltip gaýdaýyn.

– Amady, diýseňem-ä ýüregim bir sowuk syzýa. Oglanlara bir aýlanyp gaýt diýseň näder? Gurt diýdi, guş diýdi...

– Aýlanyp gaýdybiris, Bike eje. Ýöne Ganlybaşa gurt duşsa janyndan, gaplaň duşsa hamyndan dyndym bilsin. Tüweleme, ömri bolsun! Agyn Kuly akgam-da... Ýöne sen oňa göreşi goýduryp bikär etdiň. Ol Ýolöteni, Pendini baglajakdy.

Elgaraz, Bike ejäniň göwnüni giňeldip ugradyp, ýene oýun bilen boldular. Hawa-da, bi dünýede çynyň ýok çagy, dünýäň özi oýun bor eken!

* * *

– Inim, sen kim borsuň?

– Adym-a Ganlybaş, özüm ýolötenli, gyzyllardan. Marydan gaýdylansoň akgam bir sebäbe ganlybaşlaryň arasyna göçüp barýar. Şolary hatyralap hem at dakypdyr pahyr maňa...

– Gaplaňa nädip duşup ýörsüň?

Düýp Döwdalan güldi:

– Gum içinde gezseň dagy tebibe duşjakmy?! – soň ol ýarata ýüzlendi. – Ogul erkek adam üç ýola ajala uçrarmyş. Birinjisini, sag-aman başdan geçirdiň!.. Seniň tebibiň duşdy. Seýit ýalama tebipçilik edip ugraly bäri, biziň Baýraja, Dädegula Ezraýyl aralaşyp bilýän däldir. Suhty diýýä, Söýünaly-bedeň diýýä, gidýä güm bolup...

– Döwdalan, ahyr meň elimedem-ä düşersiň özi!

– Dünýäde iýer-içer gutarmasa, seniň eliňe düşmen.

Döwdalan hezil edip ýaşajyk malyň, ýagny Ganlybaşy dolamak üçin soýlan mallaryň piriniň içýagyny iýip oturşyna rowaýat getirýärdi. – Bir zamanlar alamana giderdik. Üç käse ýag içersiň, onsoň üç günläp, suwam derkar däldir, nanam. Bäri-bärden urdumyşlap gaýtsaň

senden ýeteni bilner, onsoň gidersiň saýryň jümmüşine. Oslanmajak ýerden oljalap götärsiň ökjäni. Ilde-günde-de seňki ýaly ýigidem, atam bardyr. Münerler söbügiňe. Duşundan geçen obaň jahyllaram atlanyp, walalaýlaşyp yzyňdan kowar. Ana, şonda duzlanyp logala edilen bir bölek ýagy çapyp barýan atyň agzyna tutdyrsyň weli, soň janawar ne ýadar, ne suwsar, ýöne ýeriň tanapyňy dartyp barýandyr.

Ganlybaş her owasyna ýumruk sokaýmaly döwpisint goja:

– Baba, gözüňe näm boldy? – diýip, heder bilen sorady.

– Gelnaljy keseklände daş degdi – diýip Ýalama lah-lah güldi.

Oňaýsyz halda galan Ganlybaş:

– Näbileýin, mama-sama degäýdimikä diýdim – diýdi.

– Pendä göçüp gelemizde garakçy köp bordy. Meýmenäniň bir özbek hany türkmen gözüne altyn pul goýan bolsa nätjek. Asyl ýöne üstümiz depeşek bolaýdy. Çölde çopany, gyrda kerweni goramak hyllalla! Bizem ýagyň daşyndan içi aman diýip gidýäs içine. Han näme

kimiň gözi diýip saýgaryp durmy! Öz gözlerini özüne, sat-a! Görse, ilinde kör köpelip barýar. Muny Hyradyň hany eşidip onuň öz gözünem çekdirdi. Ýöne köp harapçylyk etdi-dä namyt... Biziňkem şonda... gitdi. Satýanyň göz bolsa, satýanyň garak bolsa, öz garagyň hem bir gün bazardan çykjak eken!..

– Göz bolmasa ýagty jahanda tagam ýokdur-la – diýip, Ganlybaş goja gynandy.

– Baýguş Hudaýa aýdypdyr: «Ýazyňy gördüm, güýzüňi gördüm, tomsuňy gördüm, gyşyňy gördüm. Ýene görkezjek paslyň barmy ýa dünýäň bar bolup bilşi şümi?» diýenmiş. Inim dünýäde göräýmelisini gördük. Gözüm kör diýip ahmyrym ýok, ýöne, ynha, ýamany atdan düşmeli boldy. Uly gürrüňdeşiňem Düldülätländen aňryk ätläp görmedik şu tebip. Ana ýamany, inim!

Döwdalan içýagy galyň mele myssyk bugdaý nan bilen iýip bolup, jamy gyra süýşürdi. Tebip:

– Nahardan bolan bolsaň töwir et-dä! – diýdi.

– Daryndaş, senem bir kyýama adam-ow! Sen näme meni molla diýip eşitdiňmi ýa ahunyň yzyna tirkeşip ýören sopuçylygymy gördüňmi? Her iýen-içenme töwir etjek bolsam, ertirden agşama doga sanap oturmaly

bolmanmy men?!

– Töwir etmek sogap-da...

– Sogap bilen ýülünerden günä agyrdyr!

* * *

Gyýçak-gyýçak gara ýowuz daşlaryň arasynda gögeren näzijek çigildem güli (saryklar çigildeme melewşe diýýärler) Melewşe özüne näm bolýandygyny bilmedi: göwün pagsa jaýa, göwre başga ýana dartdy. Ser seretme diýdi, dideler seredenini duýman galdy. Al kakdymy, Hudaý urdumy – ol halyna düşünip bilmedi. Gözlerini açsa-da Ganlybaşy gördi, gözlerini ýumsa-da.

Melewşe on ýedi ýaşan hem bolsa, şindi yşk-söýgi barada kelamagyz söz edişip görmändi. Dessan diňlemäg-ä beýlede dursun, dünýäde yşga garşy ýowuz göreş alyp baran yslam dininiňem on dört aşyk-magşugyň yşgyny ykrar eden dessanlarynyň bardygynam bilenokdy. Ol hatda söýgüden söz açýan ertekem eşidip görmändi. Dagy pahyrjyk beýle ertekini nirden eşitsin?! Gara döw ýaly gulaklaryndan bir çogdam tüý çykyp duran gojadan eşitsinmi?! Baýraçlylaryň ýigitleriniň arasynda hem şindi oňa sawçy nazaryny ýollan ýigit ýokdy. Bolaýsa-da, ol nazarlary Döwdalanlar kellesi bilen sogrup taşlamaýarmy?

Melewşe öýe syganok, hüwläp gidiberesi gelýär. Ýaratynyň ýatan jaýyna göwni bar-bar diýip dursa-da barmazlygy ýüregine bek düwdi. Heýem bir ýaş gyz myhmana seredermi! – Seredersiň! Söýgi diýilýän zat gaňryşyna gaýtdygyňça güýjeýär. Akyma garşy ýüzdügiňçe deryanyň göhi gelýär.

Ol gündizini eýdip-beýdip geçirýär, bar-bar dert gijede bar! Ähli keselleriň gije beterleýşi ýaly yşk derdem güýjeýär. Ýakyp-ýandyryp barýar. Gara öýüň tüýnügine garasa, Ganlybaşyň keşbi ýylgyryp dur. Gözlerini ýumsa, onuň mylaýym sesi eşidilýär. Melewşe gul Şeribe öz ýanyndan gargap uka gidýär. Ýöne ol uky däl – ol gündiziň owadan dowamy! Düýş, yzyna düýş! Düýşde bolsa ol wakalar asla onuň özüne bagly däl!..

Iki-üç günden bäri pagsa jaýa nahar-çaýy jigisinden iberýän Melewşe nädip babasynyň jaýyna baranyny hem bilmedi. Ýatan ýaraty ýigide seretmerin diýdi, seretdi. Bu mahal goja Döwdalan ýaz hakynda gürrüň berýärdi.

– Öten agşam ýeriň gursagyna köz atyldy, ota-çöpe rugsat berildi. Indi meýdanlar ýöne parç bolaýar...

– Baba, saňa çaý getirdim.

– Getir, balajygym, getir – diýip, çäýnek almak üçin

uzan gollary kersene degende gojanyň ýüregine çigrek şemal aralaşyp giden ýaly boldy. Melewşe hem çaý diýip uzadanynyň çaldygyny soň bilip galdy. Pagsa tamda yşk ody lowlap ýandy, ony ilkinji bolup sokur kör Döwdalan gördi...

* * *

Bu gün-bu gün, erte-erte bilen ýedi-sekiz güni geçiren Amady han ýanyna alty-ýedi oba oglanyny alyp atlandy. Dagy güýmenje tapman Allaly ussanyň dükanynyň agzynda gününi geçirýän gödeklerden hem dört-bäş sanysy goşuldy. Olar ýolda öňlerinden çykýan çopan-çoluklardan sorag-ideg edip barýardylar. Ýol uzak, meýdan gözel hem bolanda ýadadýar. Bular ýene türkmen mydaryna başladylar. Japby çeme bilen Garahan at üstünde ýatdan küşdi dikdiler.

Ýatdan küşt ömrüni at üstünde geçiren türkmenleriň ýolheňi, güýmenjesi däldi, olar hamana küşt oýnamak üçin ýörite ýola çykýan ýalydylar. Maýsasy tolkun atyp ýatan çöl bilen baryşlaryna türkmen küşt ýörelgesine eýerip, iki tarap bolup oýnaýardylar. Ýöne esasy oýunçylar ikidi, galanlary şol ikiniň maslahatçysydy, tarapdarydy, allaçysydy. Japby çeme bilen at üstünde oturyp bilşine haýran galaýmaly Garahan oýnaýardy.

Her hataryň, her öýjügiň öz ady bardy.

– Seniň şujagaz piljagazyň gaty gidýärmi ýa meniň göwnümemi?

– Kişiň Hindistan ýaly ýerden getiren piline göwni ýetmezlik etme! – diýip, ýigitleriň biri gorsady.

– Piljagazam bolanda şo Şordepede agnap ýatan baýtala beriljek däldir!

– Meniň jyns atym baýtal boldumy? Ine, baýtal bolsa, saňa bir küşt diýeli, han!

Şol mahal hüşgär atlylaryň biri «gulan» diýip seslendi-de, basdy ata gamçyny. Allaly ussanyň gulan ýagy gerek diýýäni ýadyna düşen Amady hem «ýigitler, basyň ata gamçyny» diýip gulanyň yzyndan kowdular. Gulanam gulan bolýar. Ýabany çöl haýwany, adam elinde nähilem bolsa adamlaşan haýwana ýetdiräýýämi! Her hal ony tüpeňläp alyp soýdular. Ýigitleriň birini oba aşyr diýip ugradyp, ýene küşde gümra bolup, Pendi baýyrlaryna rowana boldular. Dünýägörnen depesi, Guşlygaýa beýigi yzda galdy. Emma Ganlybaşy gördüm-bildim diýen çopan-çoluga gabat gelmediler...

* * *

Götinsümer diýip bir ot bar. Onuň gylçygy goýnuň

görejine çümýär, goýun janawar gözlerini gyrpyp näçe aýyrjak boldugyça, ol çuňlaşyp gidip otyr, gidip otyr. Söýgem edil şonuň ýaly, ýüregine bir ornansoň sypjak boldugyňça berkeýär, gaçdygyňça güýjeýär... Çally wakadan soň Ganlybaş akylyna aýlandy. «Seni bi kişiler ölümden alyp galdy, töründen orun berip, ýetim guza sereden ýaly seretdi, ynha, sen bolsa olaryň namysyna tokunjak bolýaň! Ýüzüňe gara, başyňa toprak!» Ganlybaş ölýänem bolsam gaýdyp bi gaşlary pelpelläp, didesiniň däl, diliniň diýip bilmejek sözlerinem diýip duran ýaňaklary her dem bir reňkde, öwşün atyp duran gara saçlary ýere ýetsem – hapa bolar, ýetmesem ýer öýkelär diýip duran gyza tarap garamazlygy öz ýanyndan äht etdi.

Ganlybaşyň öz tarapyna asla nazar salmaýandygy bolsa gyzyň keteni köýnegini ýalna öwürdi. Agşam ýanyp ýaşyp barýan äpet Gün otly tagan bolup Melewşäniň boýnundan ildi, ertir gyzaryp dogan gün otly halka bolup geýdirildi. Hawa, söýgiň kadasy şeýle, durşuna gapma-garşylykdan ybarat, Taňry ony aslynda şeýle ýaradypdyr. Tagtany bir-birine garşy süýkäp ot alynşy ýaly, dünýä iki juwandan şeýdip yşk oduny alýar!

Tebibiň hem öňküligi ýokdy. Ol hem güman edýärdi. Özem öz şübhesinden gitdigiçe heder edýärdi. Nägünlük

bilen aýaga galdyran bi nazarkerde ýigdini döwdalanlara ýapydan aşyryp goýbermek eşekden palan alança-da ýokdy. Döwdalanlar onuň üçin gaharam edip durmaz! Aslynda, döwdalanlar gahar edýän adamlar däldi. Olar gahar etmeýärdi-de, gaharyny getirip biljek zady ýok edip goýberiberýärdiler.

Biz ýaly geldi-geçjekleriň iki gözem alnynda, dana kişileriň bir gözi alnynda, biri ýeňsesinde bormuş. Sokur körlerem görýär, emma olaryň niresi bilen görýänini Allaň bir özi bilýär. Döwdalan bolmasy işiň bolýandygyny magatlady. Ol agtyjagyny entek ýaş gördi, gije barmak basyp Melewşäniň ýaşynam hasaplap gördi. On ýedini ýaňy tamamlap, on sekize gadam basypdyr! Ýaş! Hawa, adam pahyr berjek bolanda gyzyny hemişe ýaş görýär, aljak bolanda oňa ýaşdan ýaşy gerek. Düýp Döwdalan Ganlybaş meýdanyna çykanda tebibe syr bermän ýüzlendi:

– Sen how, bi ýaratyny öýüne aşar ýaly edýärmiň, ýa günüm geçse bolýa diýip meniň pejimiň başyny ýassanyp ýatjakmyň?

– Myhman entek-entek açylmaýar...

– O näme diýip açylmaýar!? «Ýigide düşen ýara, ele ýokan gara» diýlendir. Em edýäniň çyn bolsa, bumada

gitmeli ol açylyp.

– Ol gije ýarasynyň kesmegini açýar...

Tebip aýtmaly däl zady aýdanyny bildi, puşeýman etdi. Ol bu syry Döwdalana asla aýtmazdy, ýöne bi ahwalata hiç düşünip bilenokdy. Ol Ganlybaşyň ýaralaryna kemsiz melhem ýapyp, ykjam sarap gidýärdi. Ertesi gelse, ýara çokalanyp, melhem gyra süýşürilendir. Ýara-da täze ýaradyr! Her hal ol myhmanyň arkasyny alarman bolup:

– Döwdalan, sen nä ýara näbeletmi! Artyp bitip gitjek wagty nähili gijeýär. Ana, myhman hem çydaman çokjaýan bolarly... Köp adam şoňa çydap bilmän gaşap ýaňadan ýara edäýýär – diýdi.

Düýp Döwdalan ony asla diňlänokdy, ol hatda onuň sesinem eşidenokdy, onuň ýanynda oturandygynam unudypdy. Tebip bilen Döwdalanyň arasyndaky gürrüňi gapydan girjek bolup duran Melewşe-de eşitdi. Ol dessine yzyna öwrüldi. Melewşäniň endamy jigläp gitdi. Maýsaly ýaýla gezim edip gelýän Ganlybaş göründi. Häzir Melewşe ýaňrak botlan düýesiniň ýanyna bir bahanajyk bilen barmaga ragwaty çatsa, Ganlybaş bilen iki agyz gürleşip biljekdi. Gyz özüne erk edip, eline kersen alyp düýesiniň ýanyna bardy. Ganlybaş deňine

gelende özüne zor salyp seslendi:

– Sen şu gije gaç, seni ertire çykarman öldürýärler!

Ýolunyň gyz bilen gabatlaşanyna derläp gelýän halyna bi gürrüň Ganlybaşy ýyldyrym uran ýaly etdi.

– Näme diýip meni öldürýärler!?

– Biziňkiler sebäbini aýtmaýarlar, ony het edip sorap bilen hem bolmaýar.

– Meni ajalyň elinden tebip alyp galmady, seniň gözleriň alyp galdy. Men halasgärimden gaçyp hanjak gideýin!?

– Gaç, ganyň bize düşmesin, seni hökman öldirler!..

– Men gaçsam hökman aýralykdan ölerin! Ondan seni görüp ölenim müň paý gowy dälmi?!

– Keçjeligiňi öz iliňde et!

Melewşe şeý diýip gidiberjek boldy, şol pursadyň özüne bagş edilen soňky pursatdygyny aňan Ganlybaş:

– Gije ýarymda, horaz gygyranda çyk! Sen çykmasaň gider öýtme!

– Hiýh! – Melewşäniň gaşlary edil ýyldyrym ýaly çakyp gitdi, gözleri gazap bilen ýandy, garaşylmadyk söz onuň beýnisini sandyratdy, her hal ol kimdir biri

seredip duran bolaýmasyn diýen gorky bilen özüni ele alyp, zordan öýlerine tarap ugrady.

Ganlybaş uludan dem aldy. Şu pursat garry Döwdalanyň «erkek adam üç ýola ölüm bilen garpyşmalydyr» diýen sözüni ýatlady. «Birinjisi, gaplaň, ikinjisi, has eýmenç, ol bu jadyly gyzyň gözleri!.. Eý, Alla üçünjisi nähili ajalka onuň?!» diýip, töwereklere nazar aýlan bolup duýgusyny owsarlap, pagsa tama bakan gönükdi. Ganlybaş şonda Döwdalanyň gyssag tapyp agtygy Janybegi ýanyna çagyranyny bilip, päsgel bermäýin diýip sagyndy.

Garry Döwdalan ylgap gelen ýedi-sekiz ýaşly agtygyna:

– Garry alaşany mün-de, ýazlaga git! Şagylyç akgaňa aýt, sen baran badyňa oba depsin! – diýdi.

Janybeg oýurganyp, gözlerini petredip ysgynsyz seslendi.

– Ýazlaga? Gorkýan, baba!..

– Näme?! Gorkýan?.. – Garry Döwdalan gulagyna ynanmaýan ýaly gaýtalap, gaýtalap sorady. Soňam ýanyna gelen çaganyň öz dölüdigini aňşyrjak bolýan ýaly, onuň ýüz-gözüni etlek elleri bilen gödeňsi sypap

käýinip başlady.

– Nämeden gorkýaň, köpeý ogly!? Haýsy eşşek saňa gorkmany öwretdi!? Hä!? Dünýe-hä döwdalanlardan gorkýar, sen onsoň Döwdalan bolup kimden gorkýaň! Ondan gep bolmaz! Mün alaşany, ýanyňa-da ýolbarsyňy alyp gidiber, atyň werzişdir ýola, gije ýaryma galdyrman elter!.. Eşitdiňmi, özüňem gaýdyp gorkujy bolaýma!? Gorky bilen jan saklatmaz! – diýip, agtygynyň ýeňsesine dözüm bilen kakyp goýberdi. Agtygy düwdenekläp alaşa bakan eňdi.

Pagsa tamyň ýanynda köw-söw edip duran Ganlybaş oglanjygyň ýöne ýere çöle ugradylmandygyny, ýöne ýerden gyz ejabynyň çäginden çykyp, Melewşäniň janykmandygyny bildi. Diýmek, kör Döwdalan baryny bilýär.

Agşam çaý-naharyň ýüzüne seretmän, geplemän Melewşäniň küýlenen ýaly bolup ýörşüni gelnejesi halamady! Her hal osmakladyp:

– A gyz, Melewşe, ýumruk ýaly çagany gijäň içinde bediýan çöle iberibiýr ýaly babaňa nä döw çaldy? – diýdi.

– Döwdalanlara öwrenşiber, gelneje. Bularda çaga-uly, gorky-ürki diýen zat bolmaýar. Howsala düşme, hä

diýmän geler, Janybeg!

Bu sözler Melewşäniň akyly ýerindekä aýdan sözleridi, yzky jümlesini hakydasynda ýaňadan gaýtalap, ýaňadan ýeldirgäp ugrady. «Geler, Döwdalanlaram geler, myhmanam dünýä gelmedik ýaly ederler. Olar onuň boýuna-syratyna, görküne, görmegine seredip durmazlar!!!»

Melewşe damarlaryny awy-zerzaw edip, göwresinden gözlerine ajy ýaşyň sil bolup möwç urup gelýändigini duýdy-da, diş gysdy, möňňürmejek bolup diş gysdy... Birden-birdenem ol aklyna aýlanyp: «Ölüm bilen oýnan bolýar, oýnaber bakaly, nädersiň öz iliňe deri bilen baraýsaň!.. Gaçalam diýäýdi öýdýän ýaşy kesilen! Dili guramyş diýse! It gaçsyn seniň bilen! Enemiň-atamyň ojagyndan gaçar ýaly gören ýamanlygym näme!? Gyzyl ýüzli agalarymyň sen ýaly üçin gyzyl ýüzüni soldyrynmy!?» Ol gahar-gazabyny öjükdirip Ganlybaşa gargynýardy.

Gara gije kä onuň aklyny ýerine getirip, kä ýeldirgedip edil keçe çeken ýaly çekýär. Ahyry horazlar gygyryşdy. «Öldirler! Öldirler ony! Gümansyz öldirler! Wah, nädip ölüme dözjek siz ony!» Melewşe möňňürip goýberdi.

– Melewşe, Melewşe jan, näm bolýar saňa! Ýaramaz

düýş gördüňmi, janym?! – diýip, gelnejesi örtenip, dessine adamsynyň uzak ýola göterýän jöwher pyçagyny alyp, gyzyň ýassygynyň aşagyna goýdy, onam az görüp düýe ýüňünden dokalan doly saçagy hem başujuna geçirdi. Suw içirdi. Birneme aklyna aýlanan Melewşe:

– Düýş gördüm, erbet düýş – diýip, sojap-sojap aglady.

– Goý, dünýäm, ana, başujuňda pyçagam goýdum, saçagam, gaýdyp düýş görmersiň – diýip, gelnejesi elewredi.

Melewşäniň başujunda saçak hem pyçak! Ölüm hem ömür! Melewşe ähli erkini jemläp, saçagy saýlap, ýaglygyny ýüzüň üsti bilen daňyp özüni köşeşdirmäge, hiç bolmanda, gelnejesine syr bildirmezlige dyrjaşdy.

Melewşe aglap köşeşip bilmedi, ol eger-de çep gursagynda tözlenipjik, dik duran göwsüniň ýerinde ýüregi bolanda, ony edil nar myncgan ýaly edip özüni öldürmäge-de kaýyldy, emma aklyndan, erk ygtyýaryndan jyda düşürip, amanadyny alyp barýan dert gyz göwsünden has aşakdady, ol dert ýürekdi.

Seýit ýalama janygyp gürrüň berýärdi, Döwdalan onuň häsini berse-de, gulak asmaýardy. Ol gapyl duýgularyna aldanyp, ýok ýerden Şeýtanyň alyna gidip,

basga galyp ýören bolan bolmaýyn diýip oýlanýardy, özüne basalyk bermäge işiň bolaryndan gorkýardy. Ertir ogullarynyň birden biri geler, ol bi başa towky bolup düşen myhmany obasyna ugratdyr, ile syr bermez. Şeýdip hem kalbyny daraw-daraw edip barýan masgaraçylykdan dynar.

Ganlybaş iki oduň arasynda galyp, iki jahanyň haýrany bolup, tebibi diňlän bolup ýatyrdy. Ol obasynda gyz alyp gaçan kişini ýatlamaga synanyşdy, ýadyna düşmedi. Ganlybaş Melewşesiz ýaşap bilmejegini anyk bilýärdi. Melewşe bolsa gudaçylyga gelnende hem ýetime berilmejekdi. Diýmek, diňe alyp gaçmak galýardy. «Alyp gaçmaly! Duz iýen kalbyňa tüýkürmeli! Seni adamdyr öýdüp ajalyň elinden alyp galan adamlara haýwanlygyňy görkezmeli!»

Alyp gaçaýyn diýende gyz seniň bilen gaçjak bolup durmy?

Gaçar! Hökman gaçar! Ganlybaş oňa Hudaýa ynanan ýaly ynanýardy. Ýogsa oňa gyz gaçmaga razylyk hem bermändi, ýyly söz hem.

Tebip görgülem bi syratly myhmanyň bolmasy bir işiň üstünden barmagyndan ätiýaç edip diňlenmeýänini bilse-de, gürrüň beren bolup ýatyr, ol uklamajak bolýar.

Döwdalany uklatmajak bolýar, ýöne bu dünýede etjek bolýan zadyň tersine bolýanyndan üşükli tebip bihabardy. Onuň soňsuz madyrdysy Döwdalany beýhuş dermany berlen ýaly uklatdy. Özem sakyrdaý-sakyrdaý ahyry ýatyp galanyny hem duýmady. Horazlar gygyryşdy. Goňşy jaýyň gapysy weli açylanok. Ömrüni aw awlap geçiren Ganlybaş diňşirgenip ýatyşyna gojanyň tüpeňinem alyp gitmegi makul tapdy. Ot bilen oýnajak bolsaň kesewiň ýanyňda bolmaly!

Daňyň öň ýany Ganlybaş daş çykdy, aty eýerledi, bir salym demini alman diňşirgendi. Itiň Janybeg bilen gidenem taň zat boldy, ýogsa üýrjekmi-üýrmejekmi, kim bilýär! Itdir-dä!

Gyzyň bolýan jaýynyň gabsasy emaý bilen açyldy...

* * *

Janybeg gorkusyndan rüstem geljek bolup jan edýärdi. Ýolbarsyna lak atýardy, garry baýtaly bilen gepleşýärdi. Ýola werziş baýtal köpegiň yzy bilen gidip otyrdy. Ýene iki sany baýyr aşsa ol goşa baraýmalydy, emma birden it ala gabyrdy bolup bir zat bilen garpyşdy. Baýtal janawar arkan serpdi, tas Janybegiň çüwdesi ýere degipdi, her hal gorkarak gelýäni oňa peýda etdi. Baýtal alyp gaçdy, depe diýmän, sakazlyk, çykyçlyk diýmän ýüzin salyp

gidip otyr. Janybeg jylawy çekjek boldy, başartmady. Erbet ýerem baýtal gapdala gaçýardy. Garram bolsa jan süýjüdir-dä! Ol gara-der bolup ençeme baýyr aşyp, burnuny parladyp bir belent baýryň üstüne çykdy-da, yzyna keýerip garady. Birneme ynjaldy. Köpek bolsa galypdy.

Baýtalyň çykan baýry örän beýik eken: hol etekde saýda çopanyň ody görünýär. Bolaýsa bäş-alty çakyrym. Oglanjyk esli salym oýa batyp durdy: «Hanjak gitmeli!? Çopanyň oduna baryp irden ýola düşseň amatly, emma onsoň akgasy näme diýer!? Babasy sen namart ekeniň, sen Döwdalanyň döli däl diýmezmi!? Doganlary dagy eşidäýse bar onsoň, eşege ters mindirler!

Janybeg ahyry aýgyt edip, atyň alyp gaçan ýerine baka ölsem öleýine salyp öwürdi, baýtal gitmejek boldy, emma iki-üç gamçy iýensoň gulaklaryny gaýçylap heder bilen ýola düşdi.

Gumda bir gidip barýan ýolundan azaşaňsoň, yzyňy tapjak gümanyň ýok! Janybeg uzak gije ýol ýöräp, digdiräp, daň atyp barýarka tötänden öz goşlarynyň üstünden bardy.

Döwdalanlar ony haýran galyp garşyladylar, bolmasy işiň bolandygyny güman etdiler.

* * *

Başa-baş gaplaň bilen, ýaraty möjek bilen garpyşyp gören Ganlybaş oýlanmak ukybyndan jyda düşüp görmändi. Häzir bolsa ne bolup geçen ýagdaý barada, ne indiki etmeli işler barada oýlanyp bilýärdi, ýöne barýardy. Ol sähel ýalňyşlygyň soňky ýalňyşlyk boljakdygyny – özüniň bir tarapy Jennet, bir tarapy dowzah bolan gyldan inçe, gylyçdan ýiti syrat köprüsiniň üstünde ömrüni humara goýandygyny äşgär bilýärdi, çünki ol Döwdalanlara az-kem belet bolupdy. Ganlybaşyň pikirleri ýandak odunyň uçguny ýaly kellesinde dörän dessine uçuşyp dursa-da, Hudaýy bar eken, ol dürs ýoly saýlapdy. Ol Döwdalanlardan kesip gaýdan atyny münüp çöl-beýewana tutdurman ýa tokaýlyga siňmän, baýraçlylaryň gaýygynyň gulpuny syndyryp, küregi alyp derýa bilen ýola düşüpdi. Derýada yz çalyp biljek däller, ikinjidenem bahar joşa gelen mes suwda gaýyk atdan assa gidenok. Ol atyny gaýygyň yzyndaky agaja baglapdy, at janawar gaýygyň yzynda ýüzüpjik gelýär.

Derýa bolsa bumat Melewşäniň kalbyna çalym edýär.

Agdarlyp-düňderlip, şaglap, öz-özünden ýowuz tolkun ýasap, hä sag kenaryna, hä çep kenaryna urunyp akyp ýatan ýaly. Gijeligine garamazdan harasat ýaly

towlanyp tozan ýaly agaryp akyp ýatyr. Eýmenç-eýmenç ses edip häli-şindi garalyp oturan tokaýly kenary opýar. Onuň badyna gaýyjak gawun paçagy ýaly ondan oňa zyňylýar. Ondan-mundan garalyşyp gaýa bilen opan mähnet torańňylar akyp geçýär.

Daň agaryp barýardy. Gaýyk gyrasy tokaý bilen parawuzlanan derýa içre ummadan çykypdy. Ganlybaş suw astynda galan Isgender şahlynyň saldyran daşköprüsiniň duşundan geçendirin öýdüp pikir edýärdi.

Gaýygyň yzynda tutulan guş ýaly çugutdyryp başyny aşak salyp oturan Melewşe aklyna aýlandy. Düzedip bolmajak iş edendigine, gyzyl ýüzli gardaşlarynyň ýüzüne bäş barmak garany çekip gaýdandygyna, gelnejesiniň başujunda goýan saçak bilen pyçakdan pyçagy saýlandygyna göz ýetirdi. Emma boljak iş bolupdy. Döwdalan gany bolan Melewşe başa gelenini göz görere urup otyrdy.

Melewşe gaýygyň art tarapy suwa batyp ugrandygyny bilip başyny göterdi. Ganlybaşam yza garady, görse uýany gaýyga gysga baglanan at janawaryň kellesi kä suwa çümýärdi, kä çykýardy. Göwresinde mejal galmadyk borly. Ol dessine atyny ýylan çakandygyny

duýdy. Bahar aýlary sil-suwlary gaty köp janly-jandar bilen birlikde ýylanlaram öz holtumyna dolap alyp gaýdýardy. Ine, şol ýylanlaryň biri atyna sebäp bolupdyr.

– Ak gyz, bol, basym, geç, ýogsa çümýäris.

Gyz bir zat diýýämiňem diýmedi. Ýene öňküsi ýaly başyny aşak saldy. Ganlybaş aýgytly hereket etmese, häziriň özünde gaýygyň çümjegine göz ýetirip uzyn ätläp, yza kän agram salman mähnet penjeleri bilen gyzy öňdäki oturgyja geçirdi. Özi awuna ýapyrlyp ugran arslan ýaly bolup gaýygyň yzyna aralaşdy. At janawar soňky deminde urunýardy. Ganlybaş atyň kellesinden göterse gaýyk çümüp barýar, götermese, atdan dynyp barýar. Ol atyň jylawyndan tutup, özüne tarap dartdy. Gaýyk çümere geldi. Ol jylawy bir goluna orap, kenara seretdi. Kenar daşdy...

Ganlybaş atyň ýagdaýynyň gaty agyrdygyny duýup, çep eli bilen jylawy çözüp başlady, ol dessine aty kenara çykarmaly diýen karara geldi, ýöne şol mahal gaýyk derýaň bir saýyndan köne ýyldan galan çata ilip duran äpet toraňňa baryp uruldy. Toraňňyň öňüne gamyş, porruk, çöp-çalam üýşeni üçin suw hem çişip durdy. Gaýygyň badyna bahana tapman duran toraňňy çatdan sypdy. Ýöne akyma düşüp jyrt degen mal ýaly aýlanmaga

durdy, gaýyk bilen çaknyşdy, şolam baýraçlylaryň gaýygynyň derýaň üstündäki soňky pursady boldy. Ganlybaş gaýygyň agyp barýandygyny ýok, dünýäsiniň agyp barýandygyny aňşyrdy. Gaýyk agdy, sag eline jylaw oralan Ganlybaşy mejalsyz at alyp gitdi derýaň teýine bakan. Gaýygam depesinde. Ganlybaş özüni ýitirmeli däl diýip ýyldyrym çaltlygynda oýlanyp ýetişdi. Ýan pyçagyny alyp jylawy kesdi, emma hany indi Melewşe! Hany ony ölümden gutaran gyz! Hany ol diýip ölüme garşy ýola düşen gyz!? Öz eli bilen ölüme berdi. Bigaýrat!

Ganlybaş düwlen ýaly bolup kä çümýärdi, kä çykýardy, daň bolsa örän nepislik bilen şalyň aňyrsyndan görünýän gelin lebleri ýaly çyzylyp ugrady.

Gyzdan derek ýokdy, ýöne ýokarda Hudaý bardy...

* * *

Döwdalanlaryň hiç birinden ses çykanokdy.

Başdan-aýak ýaraglanan Döwdalanlary Şahym tilki yz çalyp güzere getirdi. Görseler, gaýyk ýokdy, diňe çaýlymda gaňrylyp döwlen ýoňsuz guli ýatyr. Ol derýanyň aňry kenaryna bir garady-da, üm bilen Şagylyja, derýadan geçmelidigini düşündirdi. Olar atdan düşüp, Şagylyjyň yzy bilen atly-atynyň uýanyndan tutup, derýa girip başladylar. Şaberdini der basdy. Derýa

girip bilmän sägindi durdy. Ol ömrüni gumda goýun ýanynda bolany sebäpli ýüzüp bilenokdy.

– Akga men girmäýin...

Şagylyçdan başgalar yzyna garadylar. Döwdalanlar goja Döwdalana-da akga diýerdiler, Şajykdan başlap her kim özünden ulusynyň adyny hem tutup durman akga diýip ýüzlenerdi. Doganlar onuň kime ýüzlenendigini biljek hem bolmadylar.

– Men ýüzüp bilemok!.. – Şaberdi ýer ýarylsa girjekdi, emma derýa ýürek edip bilmedi. Atyny suwdan çykaran Şagylyç üst-başyndan joralandyryp suwuny akdyryp, golaý gelip inisine tiňkesini dikdi.

– Ölerin öýdýäňmi, doňuz? Il-ä ölmäge ýer tapanok!

Kesellän Döwdalanyň ýanynda Şajahan galypdy, diýmek, serdar Şagylyçdy. Ol bir salym inisini synlap durdy-da, gamçysyny alyp Şaberdini saýgylaberdi. Gamçydan ürkýän at janawar Şaberdä baş bermejek bolup başyny talawladýardy. Ind-ä eýiň ýeten bolsa gerek diýip pikir eden Şagylyç gamçysy bilen oňa ýol görkezdi. Pessaý ses bilen:

– Atyň ýalyndan ýapyşda aýagyňy hereketlendiriber, at alyp çykar! – diýdi.

Şaberdä gaýry alaç galmady. Ol derýa girdi, doganlar ony gallap ýüzüp ugradylar.

Ölümden aňyrda näme bar diýilse, masgaraçylyk bardyr diýip arkaýyn aýdaýyň. Döwdalan döli bolan Şaberdi hem özüne gahar etdi, şu derýa üçin gamçy iýene däl-de, masgara bolanyna, bir ölüp bilmedi. Ol agalarynyň edişi ýaly sag eli bilen atyň ýalyndan ýapyşdy, çep elini, aýaklaryny hereketlendirip ugrady. Ony gapdallap barýan Şabasan inisine:

– Bilip goýgun, ynsan gorkýany sebäpli, ýüzüp bilmese, derýa girip bilmeýär. Emma gumda ýaşap ýören janly-jandaryň islendigini derýa okla, ýüzer ötägider, sebäp o gorkanok – diýdi.

Bu söz Şaberdä hasam agyr degdi.

* * *

Gyz Guşlygaýanyň eteginde özüne geldi, gözlerini açalak-ýumalak edip depesine abanyp duran bäş-alty ýüz ädim kert gaýany synlady. Sag egninde, towlanyp akyp ýatan derýany gördi. Ol ölmändigine gynandy. Eňegi nal ýaly nazarkerde ýigit weli ýokdy. Diňe onuň babasyndan ogurlap gaýdan ors tüpeňi ýylgyna söýelgi durdy. Bu mahal Ganlybaş gaýanyň güneý tarapynda öl bolan oklaryny guradýardy. Guradaýanda-da

onuň göçjegini, göçmejegini bilenokdy, her hal ätiýaç üçin guradyp otyrdy. Ol gaňrylyp seredende gyzyň toraňňylyga tarap barýanyny görüp, bi peri-peýkeriň sag-aman aýak üstüne galandygyna begendi. Ol gyz geýim-gejimlerini sykmaga tokaýa girendir öýdüp güman etdi. Ol bagt guşunyň giden tarapyna buýsanç bilen garap arzuw deňzinde ýüzmäge başlady. Ganlybaş bu mahal özüni dünýäde bagtyýar adam hasap etdi, aslynda bu ullakan dünýäde ullakan gözleri okara ýaly owadan perizat bilen özünden başga kim bar!?

Birden howalanyp duran toraňňynyň günbatara uzaýan şahasy ýelkildäp aşak ýokaryk inip başlady. Ganlybaş ýerinden galyp esli salym aňalyp seredip durdy. Ýüregine aralaşan ýakymsyz duýgudan heder eden Ganlybaş toraňňa tarap ylgady, iki bökende bardy. Görse gyz uzyn gara saçlaryny boýnuna dolap özüni asypdy. Ganlybaş barşyna gyzy garsa gujaklajak boldy. Ýöne tirsekleri bir-birinden ötüp gitse-de, ol gyzy gujagynda duýmady. Bir gysymjyk bil pilmahmyt ýaly ýigidiň gujagynda tapyljakmy?! Ganlybaş çep goly bilen ony gujaklap bäbek göteren ýaly göterip, sag goly bilen gyzyň saçlaryny çözdi. Boýna iki ýola oralan goşar ýaly saçlary aýryp ýere goýberdi. Ýagty jahan bilen arasy üzülip barýarka, ýaňadan bi jahana gelen gyz,

Ganlybaşyň ýaňagyna ýetişip bildiginden çalyp başlady. Özem dälirän ýaly jynssyz gygyrýardy. Ganlybaş ony, hakykatdanam, dälirändir öýdüp pikir etdi.

– Goýber diýýän men saňa! Goýber!

Ganlybaş gyzy goýberdi. Gyz toraňňa ýaplanyp ulili bilen aglady.

Ganlybaş gyssanmady, tä ýüregi gowzaýança garaşdy. Goş-golamyny, tüpeňini alyp geldi. Garaşdy. Ahyry gyzyň ýanyna baryp:

– Köşeşsene, boljak iş boldy, aglanyňdan peýda ýok – diýip, başyny sypajak boldy. Gyz dessine bärsine garap ýyrtyjy ýaly wagşyýana şekilde penjelerini öňüne gezedi. – Köşeşsene, ondan pursat barka ýol aşaly.

– Barybir seni öldirler. – Gyz ýigrenç bilen aýtdy.

– Öldürsinler, men indi ölümden çigit ýaly gypynç hem edemok. Ýör gideli. – Ganlybaş gyzyň goşaryndan tutup, çaran ýoda düşjek boldy.

– Çek eliňi!

– Saňa näm bolýar?!. Ikimiz gaçdyk ahyry...

– Galat! Men seni ölümden alyp çykdym. Men agalarymyň golunyň gana boýalmagyndan heder etdim. Hanha ýoluň gidiber! Gaýdyp diri seniň ýanyňda

görner öýdüp, maslyk bolup golaýyňdan tapylar öýdüp, güman etme!

Ganlybaş gaharyny basyp ähli parasadyny jemläp söze başlady:

– Hany, maňa seret! – Gyz seretmedi. – Duz iýen saçagyny pohlap gaýdar ýaly men hem akmak däl, agalarynyň gül ýüzüni soldyr ýaly sen hem akmak däl... Emma biz elhenç derde sezewar bolduk. Biz bir-birege duşanymyz bäri öz aklymyzda däl. Däli bolup däli däl, doly bolup-doly. Biziň gözümizi baglanam, erkimizi elimizden alanam, gaçyranam söýgi...

Ganlybaş öz düşünmeýän ýagdaýyny, öz düşünmeýän söýgüsini gyza düşündiriek bolýardy. Gyz diňlemeýän ýalam bolsa, gulak salýardy hem bi ýigidiň aýdýanlarynyň janynyň barlygyna ynanýardy. Ýogsa ol hem gaçarmydy!?

Garaburunda dört-bäş atlyny gören Ganlybaş gyzyň elinden tutup tokaýa çekjek boldy. Gyz ýene tez jeren ýaly atylyp ony gözünde oky bolsa atjak bolup dur.

– Sen-ä bir kesir gyz ekeniň. Ýör hany, görmeýärmiň ol atlylary!

– Ol atlylary sen gör! Olar seni öldirler! Men bolsa

özümi!.. Döwdalanlar ýöne sypdyrmaz! Olar namysyny basgyladandan.

– Döwdalanlar! Döwdalanlar! Indi sen meňki! Indi sen meniň namysym! Jany ikidir öýtse aždarha dalanam bolsa gelibersin! – Ganlybaş gyzyň goşaryndan tutup, çarandan çarana urup gitdi. Gyz aglaýardy, ýöne onuň sesi atlylara ýeterden ýetmezi ýakyndy. Ganlybaş bolsa oňa aglaýarmyňam diýmeýärdi.

* * *

Yzyna Döwdalanlary düşürip barýan Şahym tilki ha derýanyň gaýrasyna, ha ilersine geçirýärdi. Ganlybaşyň aýagyzyndan, yzyny ýitiriek bolup urýan sapalaklaryndan onuň hem ýöne-möne kişi däldigine ol göz ýetirdi. Döwdalanlara batyrynyp, namysyna tokunan pyýada janyny berer weli, gyzy bermez diýip içinden pikir öwürdi. Şahym aga yzçylygy üçin tilki diýmeýärdiler. Onuň jüýk burny baryp kiçijek, burnuň aşagyna girip duranja eňeginiň üstüne münüp durdy. Onuň dişi dagy düşse, eňek burna degäýiekdi. Bir ýola sadakada bir nätanyş adam:

– Halypa, men seni ozal bir ýerde-hä gördüm... Öz-ä ýadyma düşjek bolýar – diýipdi. Şahym tilki oňa siňe-siňe seredip:

– Sen halypa, ozal tilki görensiň-de, şol ýadyňa düşjek bolýandyr – diýip, märekäni gülüşdiripdi. Sebäp ol tilki lakamyndan utanyp duranokdy.

Şahym tilki ara gan düşmeli bolanda yzçylyk etmezdi, bu gezek hem göwnäp gaýtmandy, ýöne gaýtmanam bilmedi. Birinjiden, Döwdalanlary hormatlasa, ikinjiden gelmişek ýolötenliniň edip giden işini teý oňlanokdy. Ekläp-saklap oturan gyzy-ogly bardy, agtygam bardy. «Indi öýüňe myhmanam getirip bolmasa... Özem ölüm halynda getirlen köpeý ogly! Heý, duz dadan ýeriň maşgalasyna-da bir gyýk göz bilen garap bormy?! Iýeni haram bolmuş»! Ol ýol yzarlaman öz pikirlerini yzarlap barýardy.

Şahym tilki insizje, çöp-çalam basan ýodanyň aýyrt bolýan ýerine geldi, seretse, sag tarapa sowulan ölügsije ýodanyň gyrasynda ot ýakylypdyr, külem dört para edilipdir. Şahym tilki atdan düşüp küli gysymlap gördi. Ölügsi ýylynyň bardygyny duýdy. Ol töweregine eserdeňlik bilen bakyp oýlandy. Onuň paralanmagynyň manysyna beýlekiler düşünmese-de, yzçy gaty düşündi: «indi yzarlasaň – ojagyň ýumruldygy bil» diýildigidi. Kän pikir edip duransoň Şahym tilki çep ýoda düşüp ugrady. Şagylyç bir galdyr-bassyrlygyň baryny güman edip:

– Sagdaky ýodany yzarla! – diýdi.

– Bolar, beg, ýöne... ol awçynyň yzy, ot hem awçynyňky...

– Diýlenini ediber!

Şahym tilki her hili sapalak atdy, emma Döwdalanlar oňa gulak asmadylar. Şahym tilki indi her bir ädimde ajalyna golaýlap barýandygyny duýýardy. «Eger gaçak ada mysy bar adam bolsa-ha, ýene bir alamat berer, ýogsa-da başa gelenini görmeli boldy» diýip gidip otyr. Gitmese nätsin! Döwdalanlar ony indi ýöne sypdyrmaz! Yzdan ýaraglaryny gezişip gelýär, öňde-de haýsy ýylgynyň aňyrsynda oňa tüpeňiň niliniň garaşyp durany mälim däl.

Yzçynyň ajaly iki bolýar...

Ýylgyn tokaýlygy çüpräp ahyry güzere geldi, Ganlybaş ýylgyna duwlanyp esewan etse, bir süri goýun suwa inipdir. Derýa kenarda biten garry toraňňynyň astynda iki çopan nahar-nowa bilen gümra. Ganlybaş aýlanyp geçip bilmejegine göz ýetirdi. Süriniň sak itleri duýsa oňullygyň üstünden eltmez diýip güman edip, derýanyň beýle kenaryna geçmegi makul bildi. Emma gyz ýüzüp bilenokdy. Ol gyzy arkasyna hopba edermen boldy, gyz gözleriniň agyny köpeldip oňa garady.

– Gel, arkama min, derýanyň o kenaryna geçmesek bolmaýar!

– Arkaňa ajal hopba bolsun!

– Sen arkama min-de, arkaýyn gargaber, biz derýadan geçmeli! Hökman geçmeli! Sen bolsa ýüzüp bileňok!

Gyz sesini çykarman, derýa garşy ýöneldi, onuň etjek bolýan işini aňyp ýetişmedik Ganlybaş hem ony gapdallap ugrady. Gyz derýa girip goýun ýüzüşini, ýagny gyz ýüzüşini edip ýüzüp başlady. Olar derýadan sag-aman geçdiler.

– Sen ýüzüp bilýän ekeniň-ä, näme Guşlygaýaň ýanynda ýüzmediň?

– Ölmek isledim!

Ganlybaş onuň bilen kän gürleşjek boldy, emma gyz oňa, üýrýämiňem diýmedi, diňe gözlerini balkyldadyp yzyna düşüp barýar. Ganlybaş käte bir yzyna garap, aglap gelýän gyza göwünlik berjek bolýar, emma gyz oňa gulak asanok!

Melewşe bolup geçen wakany aňynda aýlap, akyl ýetirmäge synanýar. Emma akly çatanok! Gel-gel babasynyň lälijegi, ýedi doganyň görer göreji Melewşe gaçypdyr diýilse kim ynanar! Kakasynyň doganlary

däliräýmezmi!? Babasy ýerde togalanyp amanadyny tabşyraýmazmy!? Olar nädip ile çykar!?

Melewşe hopukdy, ol bi gözleri jadyly ýigidi ölümden gutaranyna begense-de, özüniň ölüp bilmeýändigine gynandy. Onuň göwnüne düwen matlabyna görä, ol eýýäm özüne kast etmelidi. Emma ol şindem diri. Melewşe aglady.

* * *

Gumdan Döwdalanlaryň paty-putusyny alyp gelen Şerip gul özüniň ýalňyşmandygyny bildi. Çak edişi ýaly Melewşe ýokdy. Emma ol ony kimden sorasyn. Ol öz ömründe bolaýmaly zadyň – iň elhenç zadyň bolanyna göz ýetirip zowzuldaýardy. Ýöne Melewşäniň dyrnagynyň hem rowa görülmejekdigine akly ýetikdi. Nädip ýetmesin! Düýp Döwdalan oňa ýetim-ýesir bir gyzy alyp berjek bolanda baýraçlylar, kes-kelläm garşy çykypdylar. «Baýrajyň ganyny hapaladyp bilmeris, guluňy gowy görýän bolsaň gyzy öz ilen-çalanyňdan gözle» diýlenini gul bilýärdi. Emma söýgi gadaganyňy bilýärmi!? Ol torguş oturyşly, garyçgaý garaýyşly Melewşä gaýybana aşykdy. Wessalam! Melewşe oňa seretsin, seretmesin, gürleşsin, gürleşmesin, parhy ýok – Şerip ony söýýärdi.

Tebibe-de em etdirmeýän düýp Döwdalan çiň-arkan düşüp ýatyrdy. Ol hiç kim bilen gepleşmeýärdi, hiç zat iýip-içmeýärdi, tebipden başga hiç kimi ýanyna-da goýbermeýärdi.

Şerip gul golaýa gelen ýedi-sekiz atlynyň öňünden çykdy, endigine görä serdarpisint ýigidiň atyny tutarman boldy.

Amady:

– At başyny tutanyň ýagşy ýigit ýöne, biz bir ýaradar ýigidi yzarlap ýörss. Şondan habar bilseň-ä atdan düşjek, ýogsa-da gyssagmyz özümizde – diýdi.

– Ýaradaryňyzyň ady näme?

– Ganlybaş...

Şol mahal Janybeg gelip Şerip guly mamasynyň ýanyna alyp gitdi. Mamasy ondan atlylaryň kimdigini sorady, sebäp bu mahal myhman almak hatardy, syryň açylmagy daş däldi. Şerip gul ýaňadan atlylaryň ýanyna bardy.

– Siziň ýaradaryňyz ady Ganlybaş bolsa, özem Ýolötenden bolsa arkaýyn Ýolötene gidiberiň. Ony ugratdyk, derýa bilen barar – diýdi.

Atly ýigitleriň gahary geldi, emma köpi gören Amady

üm bilen olary alyp çykyp, agşama çenli derýanyň gyrasynda tokaýda garaşyp, agşam obadan bir habar-hatyr bilmegi müwessa bildi...

* * *

Pyýada halkynyň öndürýän ýoly barmy? Gyrmyldan gyr aşar edip, gidip otursaň ýol alsaňam boljak, aýagyňy gan-gabarçak etmeseňem. Emma Ganlybaş yzyndan ajalyň ysyrganyp gelýänini açyk bilse, Melewşe Döwdalanlar ýetäýse, ölümden has elhenç masgaraçylyga uçrajakdygyny bilýärdi. Gaty gaýdylany sebäpli, öýde oturan gyzyň aýaklary pakga-pakga gabardy, ol indi ýöräýin diýse-de ýöräp biljek däldi...

Ganlybaş şindem özi bilen gürleşmän gelýän gyz dynç alar ýaly ýaşyrak toraňňynyň pürlerinden petdäniň kölegesine düşedi. Tüpeňini toraňňa söýäp:

– Sen birneme dynç al, men bir ulag edinmäniň alajyny agtaraýyn – diýip, ýekegapanlaryň güzer edinen ýerrägine çirtmek ýassanyp turdy. Tokaýda garrap ýykylan gury toraňňylaryň pürlerini döwüşdirip pürüni derýa gyra daşap ugrady. Bäş-alty sanysyny üýşüren soň donuny zowwam-zowwam ýyrtyşdyryp, olary bir-birine mäkäm sarady. Ine, saňa sal! Salyň üstüne gür ýaşyl töňňeli ýaprakly toraňňy şahalaryny dikişdirip,

saly görünmez ýaly etdi. Ganlybaşyň pikiriçe, ol derýadan akanda edil äpet düýp toraňňy akyp barýan ýaly bolmalydy... Saly derýaň gyrasyna eltjek bolup dyzap ugranda käkiligiň jakgyldysyny, janhowluna urunýan sesini eşitdi. Ol bi işi soňa goýup, çirtmek guran ýerine geldi, görse horaz käkilik pelesaň kakýar...

Ganlybaş käkiligi çirtmekden sypdyryp, derýa ýakasynda doga okap damagyny çaldy. Köýneginiň eteginden elýaglyk ýaly bölegi ýyrtyp alyp, ony gözüň ýagyny iýip barýan gyzyl gana boýady. Käkiligi ütüşdirip, ýuwuşdyryp, oda daglap iýäýmeli edip gelşine, yzçynyň yz çalyp geläýjek ýolunda oturan bir ýylgyna elýaglygy görner ýaly edip gysdyrdy. Eger yzçy yz çalyp çarpar otdan geçse, onda bi elýaglygy Döwdalanlar üçin duýduryşdy...

Ganlybaş ençe ýyl çölde erkin gezensoň, ot almak onuň üçin itiň aňsadydy. Duzjagazam bolaýsa, diýip tamşananyny duýman gyzyň oturan toraňňysyna golaýlaşan Ganlybaş iki-üç ädim öňünde ýaňlanan tüpeň sesinden kellesini bir gapdala sowanyny hem duýman galdy. Tüpeň patlap ýanyna düşdi. Tüpeňiň depýäninden bihabar gyz duýdansyz urga ýylgynlyga ýykylypdy.

* * *

Şagylyç Döwdalanyň ýüregi erbet jassyldap gitdi, lakma kakan ýaly ýüzi gapdala döndi. Ol yzçydan hem, inilerinden hem ozal ýylgyna gysdyrylgy gyzyl gana boýalan ak matany gördi. Ony yzçy-da, doganlar-da gördi. Toraňňynyň astyna düşelen ýaşyl ýaprakly petdäniň maýda şahalaryna sereden döwdalanlaryň gany gaýnady, şolam taň zat boldy. Gazap olaryň garagyny gapdy, beýnisiniň işlemesini kesdi. Döwdalanlar yz-pyza, beýlekä bakman, tokaýyň içi bilen gönüläp basdylar ata gamçyny. Öňdäki atlydan sypan ýylgyn şahalary ikinjä, ikinjiniň sypdyrany üçünjä şarpyldap degýärdi, emma dälilik kaddyna ýeten döwdalanlar ony asla duýmaýardylar.

Bir salymdan olar atlaryny daýyrdadyp, köwden depä çykdylar. Dyz boýy oty parç bolan tekiz meýdan gyzyl güllerden ýaňa gan çaýkalan ýaly bolup ýatyrdy. Olar hä diýmän hasasyny süýräp öňden gelýän pyýadanyň öňünden çykdylar. Ol ýany betbagt kädili, eşikleri aşyklynyň eti ýaly, saç-sakgaly tamdyryň tüssesi ýaly burugsap duran diwanady. Döwdalanlar gaharyny basyp salam berdiler, ol salam aldy. Şagylyç döwdalan oňa ýan jübüsinden içi tyllaly haltajygyny gözläp durşuna:

– Haw, diwana, ýolda öňüňden iki sany ötegçi çykmadymy? – diýip, habar galdy.

– Bi dünýäde hemme kişi ötemen – diýip, diwana göwnübir jogap gaýtardy.

– Al, başymyzyň sadakasy...

– Diwana tylla nämä gerek?

– Onda bize bir ak pata ber!

– Gara niýet bilen barýan adamlara ak pata nä hajat!

– Haw, diwana agzyňa ak gelse-de, gara gelse-de atalap durma! – Gaharjaň Şagelen seslendi.

Diwana olary nury öçen terkidünýä nazary bilen synlap, hernä iň ýaşuly bolsaň gerek diýip Şagylyja ýüzlendi.

– Alnyňyzda garaňky görünýä, yza gaýdyň!

Şagylyç mundan artyk söhbetiň geregi ýok hasap edip, atynyň jylawuny burup öz ugruna sürdi. Yzyndan ýeten inilerine eşider ýaly edip: «Kellesi ýerinde adam diwana bormy» diýdi. Yzdan diwananyň sesi eşidildi. Döwdalanlar yza gaňryldy. Diwana Şagelene tarap barmak çommaldyp:

– Hiç bolmanda sen bir gaýt – diýip gygyrdy. Doganlar

pitiwa etmän nirdesiň Ýolöten diýip sürüberdiler.

Diwananyň sözleri yzçynyň süňňünden yzarlap kalbyna ýetdi. Adam pahyryň ýaşy gitdigiçe dine, Hudaýa ynanjy artýar. Sebäp ol ölüme golaýlaşýanyny aňýar, haýsydyr bir gudrat arkaly ölüm howsalasyny basmaga synanýar. Olar iki çakyrym töweregi ýol geçensoň, düzlükden ýylgyny gyrymsy tokaýa at çapdyryp girdiler. Çägesöw tokaýda alaka kürüm kändi, ine şol kürümleriň birine Şageleniň atynyň aýagy gitdi. Şagelen tüwdürilip, togalanyp honda düşdi, at janawar hem başyndan agdarylyp, zordan aýak üstünde galdy. Şageleniň ýaýjygy döwüldi. Yzçy ony ýerine eltip goltugynyň aşagy bilen mäkäm sapar daňdy. Diwananyň bir diýen-ä boldy diýip içinden pikir öwürdi, sandygyna nämälim gorky aralaşdy.

* * *

«Taňry bir gözüňi kör edip ýaratsa, bir gözüňi bendesi çykarar eken!..»

«Perzendiň ýeke bolsa hesretiň iki bor eken!..»

«Ýaman gözden goran balam, ýaman sözden goran balam, indi seni kimden soraryn balam!?»

Gije-gündiz daşyny oba aýallary gallap oturan Bike

eje mahal-mahal bir ismle aýdyp, düýbi köwlen garry daragt ýaly yraň atýardy. Bir aýa golaý köşeşdiriii sözleri aýdyp-aýdyp tagamyny gaçyran aýallar uludan demini alyp, hudaýa gaçyp otyrdylar. Amady hanyň atlylaryndan hem habar-hatyr ýokdy.

«Eý, taňrym, eý perwerdigär, balamyň jesedini gapymdan getirjek bolsaň, tagapyl eýläp, ilki meniň jesedimi gapymdan çykar!»...

* * *

Bütinleý öz pikirlerine berlip, yzy düýbünden ýitiren Şahym tilki döwdalanlaryň nägile hem dergazap nazarlaryna bakyp bilmän, gaýry alaç hem tapman derýanyň çepine bir geçdi, sagyna bir geçdi. Yzynda-da atlylar. Yzdan bolsa ne nam bar, ne nyşan. Dogrusy, Şahym yzçy olaryň sal ýasap gidendigini güman hem etmän duranokdy. Ýöne dymyp barýan döwdalanlaryň hiç biriniň kellesine bi pikir gelmänsoň, olam öz çaklamasyny goýbolsun etdi. Onuňam bir sebäbi, diwananyň duşmagy olaryň oň hasap edip barýan namys işini gara niýete deňemegi, onuň aýdyşy ýaly, Şagelene göz görkezmesi. Şahym tilkä hereketini mizan terezisine salmaga, saldarlap görmäge mejbur etdi. Özüni gyzy alyp gaçyp barýan ýigidiň ornunda goýup

gördi. Özüni düýp Döwdalanyň ýerinde goýup gördi. Bir topar atly bolup iki biçäräni kowup, barşyny aňynda aýlap gördi. Iki juwanyň läşiniň serlip galyşyny göz öňüne getirip gördi. Sag-salamat obalaryna barsalar, iki tarapyň arasynda boljak gan döküşligi göz öňüne getirip gördi...

Öňden timisgenip barýan elliden agan yzçy yz agtarman gidende-de, olaryň üstünden barjagyna ynanýardy. Derýanyň akyşyny, öz atlarynyň gidişi bilen deňeşdirip, gijäniň sowuklygyny nazara alyp, indi kän uzaklaşman, olaryň haýsam bolsa bir kenara çykjakdygyna akyl ýetirdi. Soňsuz oýlara gümra bolup barşyna, çarandan çarana düşüp yz agtaryp ýörşüne onuň öňünden çykan çöle bakan gidipdir. Ol yzy doganlara görkezip:

– Ynha, olaryň yzy! Yzymyzy ýitirendiris öýdüp güman edip, çöle çykypdyrlar – diýdi.

Ömrüniň köpüsini çölde geçiren doganlar agşamky ýagyşdan sudur bolup galan yzy synladylar. Olar yzça gatybir ynam etmän, bir-biriniň ýüzüne sorag bilen seretdiler. Şagylyç:

– Sen yzyň şolaň yzydygyna ynanýamyň ýa güman edýämiň? – diýdi.

– Ýagmyr birneme bozupdyr, her hal yz şolaňky bolsa gerek!

Doganlar yzçynyň yzy bilen at goýdular. Yz bolsa çarandan çarana tarap barýardy. Olar garaňky gatlyşansoň Aý dogýança dynç alarman boldular. Çaý-nahar edinip gözleriniň awusyny alyp gije ýarymdan agansoň turdular-da, ýaňadan atlandylar. Dolan Aý dünýäni gündizlige öwüripdi... Daň ýagtylansoň töweregini mazaly synlap gelýän Şabasan güňlenç gürledi:

– Akga, biz düýnden bäri bir ýerde aýlanyp durus. Hanha, Dünýägörnen düýnem biziň duşumyzdady, häzirem duşumyzda – diýip säheriň ýeňiliek ümürine başyny çümrüp oturan Dünýägörnen diýseň dünýä görnen örän beýik depäni görkezdi.

Atlylar saklanyp Şahym tilkiniň daşyna egele boldular. Tilki rejäniň geň däldigini duýdy, emma nätsin, takdyra ten berip dur.

– Gel-gel sen bize tilki sapalagyny atýamyň? Yzlasyň gelmeýän bolsa, owalabetde aýtsaň bolmadymy? Pendide senden başga-da tilki bilen şirin yzyny saýgarýan az däl! – Şagylyç oňa azm urdy.

– Adam ýalňyşman bolmaz! – yzçy burnuny salyp

madyrdady.

– Ýalňyşdym diýsene! Taňry seni tilkä ýöne ýere meňzeş edip ýaratmandyr!..

Muny döwdalanlar birdem saklanman yzyna kowjaklar, emma bi olaryň syryny bilýär. Şonuň üçin olar birek-birege köpmanyly, syrly seredişdiler. Doganlar üm üsti bilen ony ýoklamaly diýen karara gelip, üm üsti bilen Şagylyja maslahat saldylar. Esli oýurganyp duran Şagylyç:

– Degmäň gitsin ýoluna. Namardy öldürmeli diýen zat ýok. Utansa ýaşabersin!

Döwdalanlar ata gamçy çaldylar. Şagylyjyň soňky sözi Şahym aganyň jigerini parran dilip geçdi. Ol hamana namart bolup barýan ýaly, at üstünde zowzuldady. Birdenem arkasyndaky iňlis tüpeňini alyp, ok ýeterden geçip barýan Şagylyçdan çenäp bir oky goýberdi. Ol gülläniň degmänini bilibem, tüpeňini başyndan aýlap urdy. Döwdalanlar yzyna bir gaňrylyp bakdylar-da, şol gidişlerine zut gitdiler...

* * *

Yşk saly derýanyň içi bilen gaýmançak ýaly gaýdyrylyp barýar. Baş bermez bedew ýaly kä ileri çete,

kä gaýra çete gidýär, käte şaglap ýatan äpet şaglawuga düşüp, pyrlampaç dünýäde aşyk-magşugyň seri ýaly aýlanýar. Gür ýaşyl şahalara duwlanyp oturan Ganlybaş bilen Melewşe hamana däli dünýäniň ýüzünden däl-de, mawy asmanyň depesinden ýaşyl bulutlara münüp gaýry bir düýşe çalymdaş dünýä ýüzüp barýan ýaly. Sal leňňer atýar, sal tolkunlaryň üstünden geçende, olaryň göwnüni göterjek bolýan ýaly leňkildeýär. Beýle sala münüp görmedik kişä, özem ölemen söýýän gyzy bilen münüp görmedik kişä salyň nämedigini düşündirmek mümkin däl. Döwdalanlaryň gazaply dünýäsinden ýüzüp barýan sal, ýöne-möne sal däl, ol söýgi saly.

Ganlybaş salyň gyrasynda çugutdyryp, sähel ýerinden galsa derýa towusjak bolup oturan gyza lak atmazlygy makul bildi. Diňe ol gabak astyndan garap başlady. Ol gyzyň keşbinden Döwdalanyň öýündäki jadyly garaýşy agtarýardy. Wagt geçdigi saýy gyzyň nazarlary mylaýymlaşyp, mähremleşip başlady. Ol gyza seredýärdi, gyzam oňa. Ganlybaş görüp otursa, dil diýeniň asla geregi ýok eken. Kirpikleri içýanyň guýrugy ýaly çowlanyp duran gyzyň okara ýaly didelerinde janyňy alyp barýan bir gudrat, kalbyňa şugla salýan ýyldyrymyňky ýaly bir şugla, dünýädäki ýok tagam bardy. Ganlybaş beýhuş bolup barýardy. Ol

didelerde, dünýäde Ganlybaşyň şindi düşüp görmedik ylahy gudraty bardy.

Ganlybaş Ymambabanyň deňinden, geçip barýanyny duýdy. Ol hyýalynda eýýäm obasyna barana döndi. Garyp ejesiniň uçjak bolup nogul-nabat seçişini göz öňüne getirdi... Birdenem obany oda tutup, gören kişisini gamçylap, gyryp-jyryp döwdalanlar girýär. Obanyň ýigitleri öňünden çykýar... Ol kimleriň çykjakdygyny aňynda aýlap gördi... üç-dört dosty çykar öýtdi... Birdenem olaryň läş bolup ýatan göwreleri – olaryň ejeleriniň dady-perýady gulagynda ýaňlandy... Ol uludan dem aldy. «Ýok, oba eltip bolmaz, gyrgynçylyk bolar!»

Ol gyzy nirä äkitjekdigini bilmän, hyýalynda garyndaşlarynyň ygtybarlysyndan ygtybarlysyny agtarýardy.

Gam-gussaly, pajygaly bulut ýaly pikirlerini gyzyň nazarlary ýyldyrym uran ýaly edip goýberdi. Meger Taňry gözleri yşk üçin ýaradandyr diýip Ganlybaş oýlandy.

Süýii pursatlara salym ýok, eýýäm Aý ýaşypdy, hä diýmän daň atmalydy. Gitdigiçe derýa giňeýärdi, gaýra çöl hem, ileri çöl hem peselýärdi. Eýýäm haçan garry

toraňňylaryň endamyna suw ornap salyň depesine suw çykyp başlapdy. Ganlybaş gyzyň galpyldaýanyny gördi-de:

– Kenara çykaýaly, ýogsa üşäris – diýip, elindäki uzyn syrygy bilen saly sag kenara gönükdiriek bolup başlady, emma jeýhun derýa oňa baş bermedi, derýa saly öz islän tarapyna alyp gitdi. Muny duýan gyz özüni sessiz-üýnsiz derýa urdy. Nämäniň nämedligine düşünmän aňalyp galan Ganlybaş esli salym derýanyň ýüzüne seretdi. Birdenem ot alan ýaly bolup gyzyň çümen ýerine başak urdy. Ol guw ýaly bolup bir çümüp, bir çykyp depesine gonan bagt guşuny agtarýardy, emma gyzdan nyşan ýok! Onuň kalbynda harasat gopup, dälilik kaddyna ýetdi. Birhaýukdan gyz derýanyň sag kenaryny parawuzlap oturan gamyşlaryň ýanyndan çykdy. Ganlabyş haýran galyp seretdi durdy. Gyz emaý bilen ýüzüp baryp gamyşlardan ýapyşyp kenara çykdy. Ganlybaş hem derýany gulaçlap ugrady. Onuň kalby ýene Murgap derýasy ýaly joşup ugrady, ol hyýalynda öz saýlan gyzynyň ýöne bir peri-peýker däl-de, döwdalanlaryň gany bolan, garadangaýtmaz gyzlygyna hoş boldy. Ganlybaş hülle donunyň suwy joralanyp duran eteklerini, ýere degip duran şar gara saçlaryny sykyp duran gyzyň öňüne düşüp:

– Ýör, derrew ot ýakynarys – diýip, suwa düşme kemini goýmadyk tüpeňini sag eline alyp, çep eli bilen tokaýy aralap ýylgyndyr, petdeleriň gür ýerine bakan gitdi. Şu ýerde-hä tamdyr otlasaňam keseden görünmese gerek diýip tüpeňini goýup, petdeleriň düýbünde öten ýyldan galan gury samanlardan ýygnaşdyryp, çakyry çykyp giden iki sany gabyksyz ýylgyny tapyp bir-birine süýkäp ot aldy.

– Käkiligiňem iýilmeli pursaty geldi – gyz oňa jogap bermän, diňe ýigidiň ýanbaşyndaky sallanyp duran käkilige garady.

Gyz hülle donuny çykaryp oda serip guratdy, beýleki geýimleri bolsa bedeninde yşk ody bilen ýigrenç gaýnap duran endamynda gurady gitdi. Jahan kemsiz ýagtylansoň, olar hut oturan ýerleriniň golaýynda ýeri gümmezekledip aşyk-magşugy synlap oturan kömelekleri gördüler. Gyz «Aktelpek» diýenini hem duýman iküç ädimlikdäki kömelegi dessine gopardy. Ýigit hem beýle ýandan birini tapdy. «Gelin kömelek, özem ýaşmaklyja» – diýip, ol hem gygyrdy. Bir-ä altyn tapan kişi özi bilmeý gygyrarmyş, birem kömelek tapan!

Melewşe kömelekli gsrrsňiň aşagyndan başga many çykandygyny bilip, gyzaryp, bozaryp uýat eýläp,

Ganlybaşa syrly garady. Gözler, ala gözlar! Ganlybaş şundan soň gyzyň ýüregine diňe gözlerinden baryp bolýandygyny, geplemegiň asla gerek däldigini, şonda bi döwdalanlardan bolan peýkeriň özüne basym beriljekdigini duýdy.

Ganlybaş gyzdan gözlerini aýyrman gelin-kömelegi ysgady. «Melewşe ýaly ter, tämiz, görende özüň bilmeý topuldyrýan kömelek! Gudrat sen!» Melewşe utandy.

Melewşe ýagdaýdan çykalga tapmak üçin beýleräkde görnen garşy ýöneldi, Ganlybaşam saba ýeline ygşyldap duran otlaryň arasyndan kömelek gözledi. Hersi kömelek tapanda ýylgyryp, beýlekä seredýärdi. Munuň özi Dünýe malyna barabardy. Ganlybaş ýylgyryp duran gyzyň ýaňajygyndaky çukanajyklary görüp, gyzyň ýylgyryp durşuna beýhuş bolup, tasdan ylgap gelip gyzy bagryna basypdy, emma özüne basalyk berip, gür otly ýerde akjaryp duran kömelege penjesini urdy. Gyz onuň kömelek tapanyny bilip, Ganlybaşyň ýylgyryp gaýtarjak jogabyna garaşyp, ony synlap durdy. Ýöne bagt diýip penje uran ýerinden betbagtlygyň çykyşy ýaly, edil kömelegiň ýanynda ukudan gowy aýňalyp ýetişmedik ýylan şatladyp, Ganlybaşyň çep baldyryndan çakdy. Ýylan arkan öwrülip zäherini dökjek pursaty, ýylandan hem çakgan Ganlybaş onuň kellesinden hem bilinden

penjeläp, edil ýagyrnysyndan urdy agzy. Ol oglan mahallary çakan ýylanyň özüniň hem bilinden dişläp bilseň, zäheriniň ýöremeýändigini eşidipdi... Ganlybaş dişiniň astynda ýylanyň oňurgasynyň şatyrdysyny eşitdi, agzyna ganyň dolanyny bilip, ýylany depesinde sapan aýlan ýaly edip ýere çaldy. Ýylan towlanyp-towlanyp, ahyry gönelip jan berdi. «Hiýh» diýip tisginen Melewşe ylgap Ganlybaşyň ýanyna geleninem duýmady. Ol ýylanyň diş yzynyň ganjaryp duran ýerinden ýapyşdy.

Ganlybaş gyza ýylgyryp seredip durşuna, köýneginiň art eteginden esli bölegini ýyrtyp alyp dyzynyň aşak ýanyndan gyza çekdirip saratdy. Soňra ol oduň başynda gysyp-gysyp ýylanyň zäherini çykardy. Ençeme ýola şeýdensoň, ýanbaşyndaky pyçagy alyp, ýiti gezlik bilen baldyrynyň etini aşaklygyna dilip ugrady. Endamy tisginen gyz mundan artyk oňa seredip durup bilmedi. Gözüni açyp göreni ýowuz döwdalanlar bolan gyz maňlaýyndan çykan ýigidiňem, arkaýyn endamyny pyçak bilen dilip durşuna haýran galyp, «bi erkek kişiniň jany nämedenkä?» diýip oýlandy.

Ganlybaşyň ýarasy ganaýardy, ol bolsa şol akan ganam az görýän ýaly pyçagy bilen ýene-de endamyny dilişdirýärdi. Ind-ä bolan bolsa gerek diýip başyny galdyranda, gyzyň özüne başyndaky ýaglygyny uzadyp

duranyny görüp, göwni telwas urdy. Ol ýaglygy almadyda, ganly aýagyny gyza uzatdy. Gyz ýaglygy bilen onuň aýagyny güýjünde baryny edip daňdy. Ýene dideler tapyşdy...

Birden imisala tokaýyň endam-janyny söküp, gaýalaryň oňurgasyny ýazdyryp, golaýjykda tüpeň sesi dünýä ýaň salyp gitdi. Melewşe nädip ýigidiň goltugyna dolanyny hem bilmän galdy.

– Gutardy!.. Geldiler! – Gyz pyşyrdady.

– Gorkma!

Tüpeň sesinden soň dünýä ýene imisalalyk aralaşdy. Hatda Ganlybaşyň gulagyna gyzyň ýüreginiň urgusy hem eşidildi durdy, ýok tersine Melewşe pilmahmyt ýaly ýigidiň çep goltugynda ýürek ýaly gürsüldäp durdy. Ol gyzyň başyny emaý bilen sypady-da:

– Gorkma! Bar, şol ýylgynyň aňyrsyna duwlan! Men häzir... – diýip, göçerinden göçmezi ýakyn tüpeňini alyp, awçy ýöreýşini edip tüpeň sesi çykan ugrady.

Otuz-kyrk ädim şemal tarapda ol ýylgyna baglanan al aty, gapdalynda toraňňydan asylan goş-golamy, gyrmyz dony, silkme telpegi gördi. At hokranjak ýaly etdi. Ganlybaş emaý bilen çöp-çalamy şygyrdatman,

derýanyň gaýasynyň gyrasyna bardy, görse derýanyň güzerinde bir awçy, ýaňyja tüpeňläp şahlary burum-burum tekesini soýup başlapdyr. Ganlybaş yzlaýyn ýöräp, ýitigsi ýoda çykyp, gyzy goýup giden ýerine geldi. Ol ýylgyryp Melewşäniň başyndan gupbaly tahýasyny, gülýakasyny, oduň başyndan hülle donuny alyp, gelşi ýaly yzyna gitdi. Melewşe hiç zada düşünmedi. Birhaýukdan ol aty idip geldi. Gyza awçynyň gyrmyz donuny geýdirdi, uzyn dony geýen gyz ýylgyrýardy, başyny talawladýanyna bakman, oňa silkmäni hem geýdirdi. Bilini awçynyň guşagy bilen guşady. Dessine-de atlanyp ýola düşdüler.

Agşamara Ymambaba obasyna «Garly mergen şaýly gelne duşupmyş, şaýly gelin onuň geýim-gejimini sypyryp, öz eşiklerini beripmiş, pahyr indi dilden-agyzdan galyp ýatyrmyş» diýen myş-myş ýaýrady...

* * *

Ömrüne öýdençer guldugy, ýer urup ýerde galan ýetimdigi üçin beýle urga ruhy ejir çekip görmedik Şerip gul zowzanaklaýardy. Tursa kalbyndaky hesretden ýaňa leňňer atýardy, otursa ýer hopup barýardy. Göze görünmeýän ýyrtyjy penje onuň iç-goşuny daraw-daraw darap myňçgalaýardy. Ömründe beden-ten

awusyndan gaýry beýle awynyň baryny bilmeýän Şerip gul öz ýagdaýyny möjegiň syrtyndan iýen eşegi bilen deňeşdirdi. Bir ýola bir möjek onuň eşeginiň ardyndan baraga-da ýumşak etinden ýapyşyp, gyzyl ödegine çenli sogrup gidipdir... Iň elhenç ýerem Şeribiň syryny açyp derdini paýlaşmaga hiç kimsi ýokdy.

«Eger-de Melewşäni doganlary öldürip geläýseler, men hem özümi öldirin» diýip ol şert etdi. Gyzyň gaçanyny magat bilen Şerip gul şir ýaly agalarynyň Melewşäni diri goýmajakdygyna ynanýardy. Bu hakykata kem-kem göz ýetirip ugran Şerip gul delil agtaryp başlady. «Men Melewşe üçin müň janym hem bolsa pida etjek, emma Melewşe üçin ölenimi kim biler!? Hiç kim!»...

Goja Döwdalan zerarly Şerip guluň halyndan habar alýanam ýok. Ozalky ýaly goja üçin uly gazan hem atarlanok. Döwdalanlar syr bildirmän ýas tutýar. Şeýlelikde, Şerip gula gara garnyny otarmak dert boldy. Melewşe ikinji orna geçdi.

«Eger doganlar ýalňyz naçarlaryny öldürmäge dözmän yzyna getiräýseler» diýip Şerip oýlandy, oýlandygyça oý-pikirleriniň tagamy artyp ugrady. «El degen, dil degen maşgalany bi etrapda kim alsyn!

Basyrdym-ýusurdym etjek bolup maňa beräýseler!..»
Şerip guluň gözleri ýiteldi, bedenine çusluk aralaşdy. Gula galyndy nahar berilýär, ol oňa kaýyl, Melewşe-de galyndy bolýa-da, bolubersin, ol ony ikelläp depesine täç etjek!.. Şu iki pikiriň arasynda sergezdan bolup, Şerip gul öý işleriniň ählisini endigine görä edýärdi...

Goja Döwdalan özünden gidip başlansoň, baýry aýalynyň emri bilen Şerip guly döwdalanlaryň yzyndan iberdiler. Oňa olary nireden tapmagy tebip öwran-öwran düşündirdi... Melewşäni görmäge ykbal oňa ýol berdi. Şerip gul sarç aty münüp niredesiň Ýolöten diýip basda janawara gamçyny!..

* * *

Yzçyny kowan döwdalanlar Şagylyjyň tabşyrygy bilen ikä bölsndiler. Bir topar derýanyň sag kenaryny, beýleki topar çep kenaryny syryp aşak tarapa gaýdyberdiler. Dagy olaryň alajy ýokdy. Yzçy syrtyny bulady. Yz yzlamak her kişiniň işi däl. Ýolda duşýan maýdaly-irili obalardan bolsa olar nädip habar alyp bilsin?! Döwdalanlary tanamaýan barmy? Olar Ýolötene çenli aranyň uly toýundan, ýasyndan galýan adam däl. Biri tanalmasa, biri tanajak! Şagylyç hem, beýleki döwdalanlar hem gaçagyň öz obalaryna barmajagyny

anyk bilýär, meger, Mary Sarahs etraplaryna özüni atjak bolsa gerek diýip gümanynyň yzlaryna düşüp barýarlar...

At edinen, Melewşä geýim-gejim edinip tanalmaz ýaly eden Ganlybaş derýanyň gaýra çetinden sürüp otyr. Ata dözümli daraýar. Gaýrada oba-da az, it ne görjek, ne üýrjek! Ol içinden: «Wah, şu mahal bir harasat turup, çagba geläýsedi» diýip alla nalyş edýärdi, onda ol göni ileri çöle çykyp, salyra aşmakçydy, emma her gün öýlänara ileri garalsa-da, öýlänçi şybyr-sybyr etse-de, Ganlybaşyň ksýseýän jalasy ýokdy. Häzir bolsa ol çöle tutdursa, çsm otly çägede yzy üç aýlap bildirip durmajakmy?

Ganlybaşyň keýpi kökdi, ol häli-şindi yzynda oturan perizada habar gatýardy, gyzdan iogap bolmasa-da, öz başyna gsrläp barýardy. Ol içinden «Häý, Görogly aga mamla eken, edäýmelisi-hä bar...» diýip yzyna gaňryldy... Peri-peýkere gaýra durr diýdirýän gyza seredip hem pikirini ýalňardy. «Abraýly ýeriň maşgalasyny beýewanda biabraý edip bolmaz!»

– Sesimden utanmasaň-a, saňa bir aýdym aýdyp bereýin. – Ol iogaba garaşman, «Gyrmyza» tutdurdy. Çypy bilen aýtdy, çygjaryp aýtdy. Bir seretse, holl

beýigiň üstünde üç sany atly özüni nazara alyp durr. Ganlybaş atynyň jylawuny derýa burun bolup süsňäp duran gaýa tarap burdy, atlylaram atlaryny aldygyna goýberip kowup başlady. Ganlybaş gaýa golaýlaberende yzyna dönsp:

– Berk ýapyş! – diýdi. At janawar bärik gaýadan bökmäge heder eder diýen gorky bilen ol gaýa ýetiberende atyň sagrysyna ýelmedi birki ýola gamçyny. Gaýadan towsan atam, gyz bilen Ganlybaşam çümüp gitdiler. Ganlybaş birhaýukdan çykyp atyň jylawuny goluna orap, gyza garaşdy. Gyz has aňyrdan çykdy. Ganlybaş ýene oňa haýran galdy.

Döwdalanlar gaýa gelip atlaryny saklap atyp başladylar. Ganlybaş bilen gyz gaz ýaly bir çümüp, bir çykyp hile edýärdiler. Şunça atsalaram gyz bilen Ganlybaş gyýaklap derýadan sag-salamat geçdiler. Döwdalanlar atmagy bolsa namartlyk sandylar.

Murgap derýasynyň bir aýratynlygy bar. Onuň çep kenary gaýa bolsa, sagy inişli bolýar, eger sag kenary berk bolsa, çepi inişli. Ganlybaş gamyş-gajara bakman, atyny idip Melewşäni penalap tokaýa siňdi. Onuň aýagyny ýempäp alşyny gören doganlar, aýagyndan urandyklaryna ynandylar, arkaýynlaşdylar. Indi onuň

artlaşykly aty bilen gaçyp gitjek ýeri ýok diýip pikir edip, derýanyň güzer ýerine sürüp ugradylar...

Ganlybaş ata atlandy, ýöne öňki ýaly gyzy ardyna mündürmän, gyzyň garşylygyna garaman, ony guş göteren ýaly edip öňüne aldy-da, basdy ata gamçyny. Bi onuň gyzy öz göwresi bilen okdan penalamak üçin eden işidi. Giden tekizlige çykan at ýeriň tanapyny dartyp barýardy, Ganlybaş yzyna garasa, derýa tarapdan däl-de, çöl tarapdan hem üç atly aldyrany bar ýaly ýetip gelýär. Ömründe aljyramadyk Ganlybaş aljyrady, oňa indi diňe Hudaýa gaçyp, yzyndan gülle ýetýänçä gidäýmek galypdy. Gyz hem beýleden gelýän atlylary gördi.

– Aýtmadymmy, bizi öldirler diýip...

– Hudaý bardyr!..

Hakykatdanam, Hudaý bar eken. Öňde hüjresiniň älemlerini pasyrdadyp gonamçylyk göründi. Ol baba Gammar öwlüýäsidi. Ganlybaş atyň jylawuny şoňa tarap deňläberdi. Muny aňan döwdalanlar ýetişibildiginden atýardylar. Ok olaryň hä beýlesinden, hä eýlesinden juwlap geçip gidýärdi. Bolsa-da, olar ýetdirmän özlerini Gammar babanyň hüjresine atdylar. Ganlybaş arkaýyn Melewşäni atdan düşürip durşuna:

– Aýtdym ahyry, Hudaý bardyr diýip – diýdi...

Melewşe öwlüýä däl-de, hamana gaçyp galasyna gelen ýaly arkaýynlaşan ýigide haýran galdy... Gaçyp gelen ýeriň öwlüýä bolsa, kysmatyňdakyny gör-dä! Öwlüýä özlerem getirerdiler diýip ol oýlandy.

Ganlybaş hüjräniň beýle ýanynda çakyry çykyp giden agaja atyny baglady. Melewşäniň alyp hüjrä girdi. Müjewür bir ýaňa işi çykyp ýaňyrak giden borly. Entek taňkasynyň çaýy hem sowap ýetişmändi.

– Al, bir käse iç...

Ganlybaş daş çykdy. Görse, derýanyň gaýra başyndaky döwdalanlar bilen ileri başyndakylar tapyşyp, ülker ýaly bolup durlar. Seslerem Ganlybaşa eşidilip durr! Şagelen paýyş sögündi. Ol Şagylyja bakyp:

– Akga, döwdalan tohumynda täret kylyp, namaza durýany barmy!? Men gidip läşlerini serip gaýtjak! Hudaý näm edýän bolsa maňa etsin! – diýdi.

Şagylyjyň aňynda düýp Döwdalanyň keşbi janlandy. «Gyz ýetişensoň öýden ýa kejebeli çykmalydyr, ýa tabytly...» Şagylyç hem olaryň ganyna suwsap durdy, hudaýa-da bir ynanyp barýanlardan däldi, her hal ol:

– Ölülere sygynyp, öwlüýä özüni atana degip bolmaz!

– diýdi.

– Akga, takwalygyň ýeri däl!

Şagylyç oýlanýardy, alaç agtarýardy, emma Gammar babanyň çägine girip gan dökmegi oňlamady:

– Il näme diýer?.. Ozalky masgaraçylygymyz azmy? – Ol gürrüň gutardy diýen terzde ýygyna tarap atyny sürüp, atdan düşüp daňdy. – Özleri mugyra gelip çykar...

Döwdalanlar öwlüýäniň daşyny gallap garaşyberdiler, bu mahal Gün hem ilerki ýapa erňegini diräpdi.

Ganlybaşyň çaklaýşy ýaly, döwdalanlar öwlüýä girmäge het etmänsoň ol ynjalyk tapdy.

– Biz nähili bagtly?.. – Ol gyza dikanlap garady. Gyz onuň bagtly diýen jümlesinden gorkup ugrady. «Öz-ä öwlüýäde, özem özüni bagtly saýýar» diýip göwnüne iňkis gitdi. Şu ýerde ol aýy ýaly bi mähnet ýigit özüne ýanaşar öýdüp gorkdy. Aslynda ol öýlerinde ýorgan astynda ýatan görmegeý ýigidi beýle pilmahmytdyram öýtmeýärdi. Gumry ýalyjak Melewşe oňa gorky bilen garap yza-yza süýşdi.

– Men-ä bir salym ýataýmasam ölüp barýan, senem arkaýyn ýat, bize degen bolmaz! – diýip, müjewüriň bir ýassygyny alyp, çokaýyny hem çykarman süýndi.

Dessine-de uka gitdi.

Niçe gün uky garasyny görmedik Melewşe bolsa hüjräniň içine göz aýlady, soňra dagyň parçasy ýaly bolup ýatan ýigide garady. Garadygyça gorkdy, döwdalan tohumam bolsa gorkdy. Ol hyýalynda nika gyýlyp, bi ýatan pyýada bilen jaýa gabalana dönüp hopukdy. Gowsy, ölen ýagşy diýip içini gepletdi, asylam ol indii diri sypmajagyna ynanýardy.

Gije ýarymlar turaryn öýdüp ýatan Ganlybaş daňdanlar tisginip oýandy, dessine nazary bilen Melewşäniň bardygyny anyklady, soňam daş çykyp asmana göz aýlap, özüne käýindi. Aty hokrandy. Bumat döwdalanlar şöwür çekýärdiler, ýöne olarda-da niçe günüň alynmadyk ukusy ýatyr. Ählisi diýen ýaly ala ukulydy. Ganlybaş gündiz gören gyzganynyň ýanyna bardy, sübseleç bir pezzik şahany emaý bilen döwüp aldy-da, atynyň ýanyna geldi. Atyny boşatdy, guýrugyny galdyrybam gyzgany gysdyrdy. Soň gaýrarak çekilip, janawaryň syrtyna bir depdi weli, at mazar beýleki diýmän atylyp, döwdalanlary ala basgy edip güw gitdi. Döwdalanlar «atlan-ha atlan» diýip gygyryşyp eňdiler atyň yzyndan. Olaryň atlarynyň dükürdisini sanan Ganlybaş barynyň gidendigini anyklap Melewşäniň golundan, tutup derýa bakan gyp basdy.

Atyň yzyndan ýarym sagat çemesi kowan döwdalanlar onuň üstüniň boşdugyny görüp yza tarap sürdüler...

Ganlybaş Melewşäniň golundan tutup derýa bakan ylgap barýardy, ýaraty aýagy diýenini etmese-de, onuň yzasy ýüregine basylsa-da, çydap ylgap barýardy. Olaryň geýim-gejimleri pers-alady, ýüz-gözlerinde çitenekledilmedik ýeri galmady. Ganlybaş «Allajanlarym, diri ele düşäýmeli bormyka?» diýip oýlanýardy, çykalga agtarýardy, emma hany çykalga!? Yzyňdan atlaryny debsiläp döwdalanlar ýetip gelýär. Eger-de şu mahal ajal aždarha bolup alnynda agzyny açyp dursa, ol Melewşäni alyp onuň holtumyna öz aýagy bilen baryp girip gitjekdi. Ol ölümden gorkanokdy, ol Melewşä göz astyndan seredip başlanynda ölümini boýun alypdy... Ol duz beren adamlar bilen duşuşmakdan gorkýardy... Birden onuň ýadyna gaplaň düşdi. Ol näçe wagtlap ýaraty gaplaňy yzarlady, janyny alyp, hamyny sypyrmak üçin yzarlady, öldürmän goýmajak bolup yzarlady. «Kasas kyýamata galmaýar diýilýäni çyn eken-ow!» diýip oýlandy.

Içigargalmyş birden tokaý gutardy duruberdi. Ganlybaşyň burnuna tüssäniň ysy urdy. Asyl olar bir obanyň duşuna gelipdir. Bu taýam obanyň mal-garasynyň derýa inýän güzeri eken. Ol edil alkymynda

bir ýaşulynyň seredip duranyny gördi. Melewşe tisginip gitdi. Ol derýa garşy ýöneldi.

– Gorkmaň munda geliň! – Ahun aga mylakat bilen olary yza dändirdi.

Üşükli Ahun aga daýaw pyýada hem garagözelek «oglany» gören dessine göwnüne iňkis gidýär. Derýanyň o çetinden helewleşip gelýän atlylary görüp nämäň-nämedigine düşünýär.

– Yzyňdaky kowgy kim? – Ganlybaş başga alaç tapman ýagdaýyny aýtdy.

Ahun aga hopul-sopul geýnen garagözelek gyza esewan etdi, gyz ýüzi gyzaryp aşak bakdy.

– Siz hol jaýa baryberiň – diýip, ol ýortmança ogluna, daşarda süýt bişirip duran aýalyna görkezme berdi-de, mellegiň aýagujyndaky pagsa jaýyň gapysynyň gulpuny açdy.

– Köşekler, hany daş çykyň-da bir salym aýagyňyzy ýazyň! – Ol jaýa boýnuny uzadyp gygyrdy. Däliler hezil edip daş çykdylar. Olar gapyda duranlary synlap başladylar. Ahun aga pagsa jaýyň içkisine sübse çalyp, Ganlybaş bilen gyzy girizdi, soňra daşkysyny sübseledi. Onýança çagyrylan adamlar gelip başlady. Ahun aga

aýalyny hem ýene bir adamyny alyp jaýa girip, nika gyýmaga başlady.

– Seniň adyň näme?

– Ganlybaş Sapar ogly.

– Seniň adyň näme?

– Melewşe...

Diňe şunda Ganlybaş Melewşäniň adyny bilip galdy. Ahun aga olaryň razylygyny alyp nika gyýdy, aýaly olara çaý-nahar getirdi. Şondan soň Ahun aga:

– Sesiňizi çykarman oturyň, nesip bolsa töwellamyzy alansoňlar sizi çykararys – diýip, pagsa jaýyň gulpuny urup gitdi. Däliler muňa nägile boldular. Sebäp gelmişekler olaň gözüniň öňünde jaýlaryny alyp oturyberdiler!

Ahun aga uly mola-da däl-di, işanam. Atasy uly mollady. Ýokarsy Pendi, aşagy Murgap töwereginiň dälisini şoňa getirerdiler. Atasy ýogalansoň Ahun aga «garyndaşlaryňyzy ýygnaň» diýip habar edipdi, köpüsi dälilerini alyp gidipdi, bu bäş kişi bolsa ibaly hossary ýok bolany zerarly Ahun aganyň gapysynda galyberdi. Ahun aga-da başardygyndan okaýardy. Nätsin görgüli!..

Ahun agaň ýortmança ogly oýnam öýli gyzyllaryň

obasynyň erkeklerini ýygnap geldi. Onýança döwdalanlar ýetip geldi.

Ahun aga myhmanlaryň öňünden çykyp, salam berdi, salam aldy.

– Hoş geldiňiz ýigitler! Atdan düşüň, taňry myhmanymyz boluň.

– Myhman bolan ýaly görüň. Biz habarly geldik.

– Habaryňyz bolsa habaryňyzy soň aýdar ýörersiňizdä...

– Bize gaçaklarymyzy çykaryp beriň! Habar şol!

– Ýigitler, munyňyz-a bir tüýsli gep boldy?

– Tüýslisi şol, gaçaklary çykaryň!

– Haw, ýigitler, geregiňiz gaçak bolsun, siz ýöne ilki atdan düşüp, bir duz dadyň!

Agasynyň sypaýy gepläp durşuna syny oturmadyk Şagelen söz urdy.

– Biz Pendi ýaly ýerden duz datmaga gelendir öýtdüňmi? Çykar gaçaklary! – Ahun aga-da, gyzyllaryň Mergen agadan gaýry sakgal biteni sypaýysyrap, olaryň gaňryşyna gaýtman myhman aljak boldular, emma döwdalanlar ýer depip gazygyna towsup durlar. Ahun

aga ýanyna ýüzüniň peşehordasy dürtgüjiň yzy ýaly bolup duran ýigidi çagyryp Mergen agany alyp gelmegi tabşyrdy. Ýigit onuň halynyň ýokdugyny aýtdy. Şeýle-de bolsa, ýigide ony alyp gel diýdi.

– Haw, ýigitler, ýöne gaçaklary çykaryň diýip dyzaşyp dursuňyz. Siz näme bizi türkmen däl diýip eşitdiňizmi? – diýip, gyzyllaň biri gürrüňe goşuldy.

– Aý, ýok beý diýib-ä eşidemizok!

– Onda biz myhmanymyzy siziň penjäňize berip goýberibilmeris ahyry...

– Ýaşuly, ol biziň namysymyza el garyp gaýtdy... Biz ony öldüribem köşeşip bilmeris – diýip, ýene dyzmaç Şagelen ara girdi.

– Ol siziň namysyňyza köp bolup tokunan däldir ahyry – diýip, gyzyllardan ýene bir ýigit hem Ahun aganyň tarapyny çaldy. – Munça bolup birini it atan ýaly atyp gidiberieksiňiz – ol bolmaz!

Bir käse çaý içim salymdan soň ýüzi peşehordaly ýigit Mergen aganyň goltugyndan girip getirdi. Mergen aga aşaky, ýokarky sarygyň sylagly ýaşulysydy. Ol özüni raslap, hasasyna söýenip gelenleriň salamyny alyp, olaryň eždatlaryny soraşdyrdy. Döwdalanlar

kimlerdendigini aýtmakdan boýun gaçyrdy. Şagelen agasyndan öňürtdi:

– Ýaşuly, töwellasy gutardy muň!

– Han ogullar, siz biziň ýaşulymyzy sylaň!

– Edil şuň ýaly bir ýaşuly olaryň haram maslygyna garaşyp ölüp bilmän ýatyr! Bize töwella gerek däl! Diýleni edip gaçaklary çykarsaňyz-a, çykaryň, ýogsa-da barymyz maslyk bolynça gidişeris! Wessalam!

Döwdalanlar töwellany almadylar. Mergen aganyňam, beýleki ýaşulularyňam raýy ýykyldy. Ýaş ýigitleriň mertebesi depelendi. Oba ýigitleriniň öňüne düşüp ýören ýaşy ortadan agan Jaňkul öz ýaşulularyna ýüzlendi:

– Ýaşulular, töwellaňam çeni bar. – Soňra ol Şagylyja ýüzlendi: – Han tutuşjakmy, at üstünde söweşjekmi ýa alaňa ýaplanjakmy!?

Şagylyç oýlandy. Ol göreşe taýýardy, birden gyzy alyp gaçan garşyňa çykarylsa nätiek? Nädip onuň bilen döşleşjek! Ýok, o bolmaz! At üstünde söweşjek diýsegem, onuň söweşe gatnaşmagy ahmal. Ýene onuň pis ýüzüne ýüzüň düşmeli bor...

– Alaňa ýaplanyşjak!

* * *

Gyzyllar ýaşulularynyň raýynyň ýykylanyny gaty gördüler, indi olaryň gyzyl et bolsalar-da gepini gögerdip, gaçaklary döwdalanlara bermejegi hakdy. Ýöne olar kowguçylara-da gynandy. Ýeri, dulunda oturan namysyňa tokunylsa, haýsy türkmen ýaragyny alyp, ýa ar, ýa mazar diýip çykmaz!? Şonuň üçinem olar sypaýylygy saklap, hamana döwdalanlar bilen atyşyga däl-de göreşe çykan ýaly parahat çykdylar.

Atyşjaý saýlanyp alyndy. Emin bellenildi. Ömrüniň ahyrynda raýy ýykylan Mergen aga hasasyna söýenip, yra-dara öýüne ugrady, ýaşulularam onuň yzyna düşdüler.

Atyşjaý weli tüýs göwnejaý ýerde, hamana, bu köne galany salan ata-babalarymyz bir zaman nesillerimiz atyşsa gerek bor diýip salan ýalydy. Köne galanyň diwarlary ýere bagryny berip, topraga siňip barýardy, onuň belent ýeri çöküp oturan düýeden beýik däldi, her hal ýaplanyşmaga boljakdy. Galanyň iki diwarynyň arasy ýüz-ýüz otuz ädimdi. Ýokary başyna döwdalanlar, aşak tarapyna gyzyllardan sandaş adam geçdi. Olar ýagşy ornaşandan soň, emin elindäki ak baýdagy ýatyrdy. Atyşyk başlandy.

Döwdalanlaryňam, gyzyllaryňam ýaragy guratdy. Ors Ýolötende, Pendide goş basaly bäri, puluň barmy, ýüňüň barmy, baganaň barmy – bar parhy ýok, ýarag edindim hasap edäýmelidi. Onsuzam saryklaryň söwdegärleri iňlislerden ýarag baryny satyn alyp gelýärdiler. Hyrly öz ornuny Ýewropa ýaragyna beripdi. Iki tarapam bukdaklaşyp, müňedeňleşip bir-birini nyşana alyp atýardy, agyşygyň golaýyna eltilmedik ýaş oglanlar beýik agaçlaryň üstüne çykyp tomaşa edýärdiler. Galalaram geçmişiň öwlüýäsi, öwlüýäde duşmanyna kast etmedik döwdalanlar bi öwlüýäniň üstünde hiç bir günäsi ýok adamlar bilen atyşyp ýatyrlar.

Gijöýlänler obadan iniňi duýrukdiriji ses eşidildi. Bir howa gyzyllar atmasyny bes edip diň saldylar, bir bolmasy işiň bolandygyny aňan döwdalanlaram atmasyny goýdy. Emin ak baýdagyny göterdi. Mergen aga ýogalypdy. Gyzyllar eminiň yzyna düşüp, ses çykan jaýa tarap ugradylar. Döwdalanlar ses-sedasyz olaryň yzy bilen gelip pagsa tamyň öňünde gyzyllaryň gapdalynda ses etdiler. Wepat bolan bendäniň Mergen agadygyny bilip, olaryň keýpi gaçdy, ýöne özlerinde müýn duýmadylar...

* * *

Ahun aganyň dälileri oturyp-turup karar tapmadylar. Olar syýrdam dereklerden ýonulyp edilen gapyny depip gördüler, çekip gördüler, emma gapy berkdi. Däliler ozal bir maksat bilen ýaşaýardylar: näletsiňmiş jaýdan çy¬kyp, bir hezil etmek olaryň arzuwydy. Ynha jaýdan çykarlaly bäri, küýi-köçeleri gelmişekleriň elinden niçe ýyllap öwrenişen jaýlaryny gaýtaryp almakdy. Gapy hezil bermänsoň, dälileriň hany pagsa diwary ýykmagy teklip etdi. Bäş däli bäş ýerden pagsa diwara eginini diräp, zomap, dyzap gara suw boldular. Halys bolmansoň, han oturyp-oturyp başga bir karara geldi. Ol dälileri nyzama durzup, özem iň öňe geçdi. Olar götinläp otuz-kyrk ädim çemesi gidip, birdenem bat alyp gaýtdylar diwara garşy. Setir däli diwara uruldy. Dälileriň hanynyň tas myžžygy çykypdy. Ol yzyndaky däli bilen ýerini çalşyp ýaňadan gidip, bat bilen diwara uruldylar. Mundanam netije ýokdugyny bilip, olar gabsanyň yşyndan içine tüýkürip, ýumruk çenäp, gygyryp başladylar. Ahun aganyň aýalam, özem pata gidendigini bilen däliler has hem bolmajysy bolýardylar. Hojalykda hanlyk olara galypdy. Birden olaryň öwrenişen jaýyndan şeýle bir jynssyz gykylyk çykdy weli, däliler zähresi ýarylan ýaly atylyp-atylyp gaçdylar. Däli gorkanda gaty gorkar eken, olar uly ýoluň ýakasynda galpyldaşyp gözlerini

tegeleşip, jaýlaryna garap durlar. Häh diýseň, bendeleň ýüregi ýaryljak!

O ses Melewşäniň sesidi...

* * *

Bir gije Mergen agany myhman aldylar, golaý-goltumdaky obalardan eýýäm gelen bardy, şonuň üçin bolsa gerek, gyzyllar döwdalanlar bilen garyşyp-gatlyşyp gitdiler. Ýaňy aty¬şyp duranlar şulardy diýseň rus baýarynyň ýüregi ýarylardy. Emma Emin bilen Jaňkul murt Şagylyç bilen Şabasany alyp, ýaşulularyň ýanyna giripdiler. Öýde merhumyň gap¬dalynda üýşen eňegi sakgallylar oba mollasynyň berýän gürrüňini diňläp baş atyp otyrdylar. Gürrüň esasan Mergen aganyň gowy adamdygyny subut edýän durmuş wakalary, kyýamat gürrüňleri baradady. Daş çykan Ahun aga ýasyň beýemçisi:

– Ahun aga, Agamyrat aga Mara gidipdir, sa¬gana gazýan ussa agtaryp tapyp bilemzok – diýdi.

– Hany Agamyradyň ýanynda işleýän oglanlar, şolar gazar – diýip Ahun aga gürrüňe nokat goýdum etdi.

– Olar entek özbaşdak gazyp göremzok diýýäs – diýýärler.

– Saganany nesip bolsa, rugsat etseňiz men gazaryn – Bu ses Şamyradyň sesidi. Ol beýemçiniň häliden bäri heläk bolup saganany agtarýandygyny güman edipdi. – Obamyzda saganany mydama men gazýaryn.

Ahun aga rugsat berdi. Döwdalanlar bilen gyzyllar bir üzüm teläriň astynda uzyn gije çaý içdiler, däbe görä goňşy-golamlaryň getirýän tagamyndan duz datdylar. Gyzyllar öwrüp gürrüňi Mergen aga getirýärdiler, döwdalanlar bolsa assyrynlyk bilen gürrüňi şu ýylyň gelşine, dünýä ýagdaýlaryna syrykdyrýardylar, çünki olar Mergen aganyň ölümi üçin özünde müýn duýýardylar. Soňra şol ýerde ýazylan düşege geçip bir süýnenlerini bildiler, birem eýmenç orlaşygyň eşidilenini. Gyzyllar Mergen aga ses edýärdiler. Döwdalanlar hem olara goşulyp bir salym ses etdiler. Öýlänara Şamyradyň gazan saganasynda gojany depin etdiler. Töwerekdäki ähli obadan gelen kişileriň gürrüňi Mergen aga hem onuň üýtgeşik saganasy barada boldy.

Üç gün döwdalanlar şol ýerde boldular, ir bilen beýlekiler ýaly ses etdiler. Üçünji gün üçüni sowup gitjekler ugrandan soň eminiň ýanyna baryp Şagylyç han ertir atyşy dowam etmegini sorady.

– Bizde ýedisi geçýänçä merhumyň ýasy sowuldy

hasap edilenok, myhman!

– Bizde merhumyň kyrky geçýänçä aglanylýar, emma ýagdaý diýenem bir zat bar!

Ýaşulular bilen maslahatlaşan emin döwdalanlara ertirden atyş boljagyny yglan etdi.

Ertesi iki tarapam atyşhana çykdylar, ok-ýaý bilen garantga atyşýan oglanlaram hezil oýnuny goýup agaçlara dyrmaşdylar. Aýallar bolsa taňrydan bi gäbi azan erkekleriň gursagyna gowulygy salmagy dileg edip hudaýýoluna sadaka aýtdylar. Günem gyzýardy, atyşam, iki tarapdanam ýeňil-ýelpaý ýaralanan boldy. Gaty agyr ýaralanaýmasa, dogan dogana-da kömege baranokdy, öz ýaraňy özüň daňyp atyşybermelidi...

Gün günorta boluberende ýerden çykan ýaly bolup orsuň on atlysy geldi. Olaryň baýary gygyryp, yzyndan sapançasyny asmana gezäp atdy. Onuň ýanyndaky dilmajy, dagystanly türki halklaryň birinden bolarly, baýaryň diýenini gygyryp terjime edip başlady. Baýaryň çagyrmagy bilen döwdalanlaryň ýaşulysy Şagylyç bilen gyzyllaryň serdary Jaňkul han baýaryň ýanyna bardy. Iki tarapyňam ýigitleri tüpeňlerine ok sürüp wakanyň soňuna garaşdylar. Baýar:

– Bibaşlygyňyzy goýuň, siz ak patyşanyň raýatynda

ýaşaýaňyz! Atyşmak gadagan! Kimde-kim meniň diýenime gulak salman atyşsa, ony biz zyndana gabarys!

Şagylyç hanam, Jaňkul hanam haýran galyp bir-biriniň ýüzüne seredip, egnini gysdylar.

– Bu nä gäbi azan ors!? Muny kim çagyrtdyka? – Şagylyç soragly nazaryny Jaňkul murta dikdi. Jaňkul murt hamana, olaryň gelmegi özünden görülýän ýaly pert-pert gepledi.

– Biz-ä, beg ýigit, Allany çagyryp meýdana çykdyk, orsy kim çagyrtsa-da gyzyllar çagyrmaz!

– Sen baýaryňa aýt, atyşsak biz atyşýas, ölsek biz ölýäs, bi ortada onuň näme işi bar!? Şagylyç dilmaja ýüzlendi. Dilmaç ony teriime edibem durmady-da, baýaryň ýerine özi iogap berdi. O-da Şagylyjyň tüsseläp duran oduna nebit sepdi.

– Atyşaly diýen günüňiz atyşybiýr ýaly, gyrlyşaly diýen günüňiz gyrlyşybiýr ýaly siz erkin halk däl. Siz baýarlaryň diýeni bilen bolmaly, ýogsa... – Şagylyç onuň çalgyrt gepleýşine kynlyk bilen düşünýärdi.

– Ýogsaň näme!? Sen biz bilen kepleşer ýaly ygtyýarly kişi däl! Sen biziň diýenimizi baýaryňa aýt, biziň nähili halkdygymyzy kesgitlemek saňa galmandyr, ýogsa

maslygyň şu ýerde galar!

Badyhowa gyzyl murt dagystanlynyň ýeli ýatdy. Ol Şagylyjyň gitdigiçe agy köpelip barýan gözlerine howatyr bilen garap, baýaryna bir zatlar diýdi. Baýaram bir zatlar diýdi. Dilmaç söze başlady:

– Baýar aýdýar, diňe wagşy kişiler bir-birini wagşylyk bilen gyrýar. Siz wagşylygyňyzy goýuň. Nekelaý patyşa sizi adam etmek isleýär.

– Sen orsuňa aýt, ol biziň işimize goşulmasyn. – Şagylyç seslendi.

– Häzir namys işi çözslýär, seniň orsuň oňa düşünmez, gowsy abraýyňyz barka gidiň mundan – Jaňkul murt hem dilmaja ýüzlendi.

Dilmajyny diňlän baýar öz buýrugyny pitiwa edilmeýänine gazaplanyp, sapançasyny asmana atyp, Şagylyja bakan atyny debsiledi. Rejäniň geň däldigini gören döwdalanlaram gyzyllaram goşulyşyp atyş meýdany goýup, tüpeňlerini gezeşip olara garşy ylgaşyp gaýtdylar. Baýaryň gözleri peträp bir tüpeňlerini gezeşip gelýänlere, birem Şagylyç bilen Jaňkul murta seredip, atynyň jylawuny öwrüp basdy ata gamçyny. Ol öz yzyndan ýeten dilmajyna bakyp:

– Patyşa-da akyl ýok, bi ýabanylary owsarlaryn öýdýär. Seret, bize gezek galanda iki duşman tarap birleşdi oturyberdi. Ýogsa biz olara ýagşylyk edýäris ahyry – diýdi. – Görersiň, patyşanyň başyna basyp alan halklary ýeter... – Olar yzynda at dükürdisini galdyryp, gelşi ýalam sumat boldular.

Dört gün bäri gijelerine dälileriň jaýynda Jennetiň gumrujygy bilen aýşy-eşretde bolýan Ganlybaş gündizlerini gapynyň yşyndan garap geçirýärdi. Ýogsa günde bir ýola Ahun aga hemme zadyň gowudygyny, döwdalanlar bilen gürrüň geçirip razy edip barýandyklaryny aýdyp gidýärdi. Wagtal-wagtal olara çaý-nahar çekýän oglanjygam, Ahun aganyň aýalam Ganlybaşa diňe gowluk diýýärdiler. Ganlybaş ynjalygyny ýitirip, oglanjygy aldap daş çykmagy makul tapdy. Dört gün bäri daşda ugruna oňly seredilmeýän däliler bolsa pagsa jaýyň dumly-duşundan hüjüm edip görýärdiler, emma bolanokdy. Olar pagsa tama arkan salybam çekip gördüler. Pagsa jaý gymyldaýynam diýenokdy... Ahyr olaryň biriniň kellesine pagsa jaýyň sypaldan üçegini otlamak pikiri geldi. Olar keýerişip Ahun aganyň giderini garamlap garaşyberdiler.

Oglanjyk nahar getirdi. Ganlybaş oňa mylaýymlyk bilen habar gatdy.

– Serdar jan, gelnejeň hakyt akja bäbek getiräýdi, göresiň gelýämi?

Melewşe uzak gününi diýen ýaly uklap, ýarawsyz halda geçirýärdi. Hassa bolup hassa däl, sagat bolup sagat däl, Melewşe häzir pagsa jaýyň dulunda myrlapjyk ýatyrdy. Oglanjyk oňa iogap gaýtardy:

– Alladýaň. Sen ýaňy gelin aldyň. Gelnejem indiki ýyl bäbek getirmeli.

Ganlybaş her zatlar diýip gördi, emma oglanjyk aldatmady. Ol yzyna gaýdansoň. Ahun aganyň gidenini gören däliler ojakdaky kesindini getirip pagsa tamyň arka tarapyndan sypal üçege ot berip, gyra çekilip, heşelle kakyp başladylar.

Ol gaty bir tutaşyp ýetişmänkä, mazaly Ahun aganyň aýaly daş çykaýdy. Ol elewräp, goňşy-golamlaryna gygyryp, gyňajyndan ot berlene döndi. Pahyr gaty aljyrandyr-da gabsanyň gulpuny açmak hem kellesine gelmedi. Il bir gowy zat, goňşularyň aýallary ylgaşyp gelip, gabsanyň gulpuny açdylar. Tüsseden üsgürip Melewşäni Ahun aganyň öýlerinde goýmaga gorkup, goňşusy alyp gitdi. Ganlybaş bolsa aýallara baş bolup ýangyny söndürdi.

* * *

Çapar bolup hellewläp gelýän Şerip guluň yzyndan Ymambaba obasynda tebip ýetdi. Ol düýn Döwdalanyň ýogalandygyny habar berdi. Ähli döwdalanlaryň dessine atasyny jaýlamaga gelmelidigini ol nygtap-nygtap aýtdy. Sebäp oňa-da nygtalypdy. Ol döwdalanlaryň namys işini soňa goýmalydygyny hem öwran-öwran aýtdy. Şerip gula diline berk bolmagy, ýogsa gürüm-jürüm ediläýmeginiň daş däldigini hem aýtdy.

Şerip gula dözmän ony özi aýtdy. Şerip gul ýola düşensoň oýa batdy:

«Döwdalanlar atasynyň ölenini eşitse, hökman gaýdar. Olar atasyny ile gömdürmez! Meger, ar almagy maňa tabşyrlar, men onsoň ol köpeý oglunyň müň janynda birini goýman, Melewşäni atyň syrtyna basyp ýüzümiň bakyp duran ýerine giderin! Ýol gutarýança giderin! Ölinçäm giderin! Nirä gidemde meniň ýurdum bar?! Nirä gidemde maňa ýurt bolmaz! Melewşe meňki bolsa, maňa gaýry zat gerek däl!»

Şununň ýaly süýji pikirlere gark bolup gelýän Şerip tötänleýin atyşygyň üstünden geläýdi. Ol on-onbäş ädim Döwdalanlara ýetmän, at başyny çekip, ýapyrylyp Şagylyjyň ýanyna gelip şum habary aýtdy. Şagylyjyň dişleri şakyrdady. Heý, jan berende atasynyň ýanynda

bolup bilmedikdenem bir perzent bormy! Ol döw ýaly doganlaryna garady. Olaryň eýýäm üçüsi ýaradardy. Gaty agyr bolmasa-da ýaralydy. Ömründe ýaňy ýaşulylyk edip başlan Şagylyç näme etmelidigini aňynda ölçerip dökdi. Ölçerip dökdigiçe-de döwdalan tohumynyň ýüzüne gara çalyp gaýdan ganjyga gaharlanyp ugrady. Şol gaçmadyk bolsa goja Döwdalan entek-entek ýaşap ýöräýiek ýalydy. Bu zatlar jemlenibem onuň kalbyndaky ody has tutaşdyryp başlady. Goja Döwdalanyň: «Ýetişen gyz öýden ýa kejebä münüp, ýa tabyda münüp çykmalydyr» diýen sesem gulagynda galdy.

Şerip aýtmaly habaryny aýdansoň alaňa ýaplanyp, tüpeňini gezäp atmaga hyýallandy, ony gören Şagylyç:

– Bar, atyňy al-da, eminiň ýanyna ugra – diýdi.

– Akga, menem atyşjak, janym size gurban...

– Diýleni bilen bol! Döwdalanlaryň aryny almak haçandan bäri saňa galdy!?

Döwdalanlara belet Şerip uludan dem alyp, eminiň ýanyna süzüberdi.

* * *

Atyşa kemsiz gyzan döwdalanlaram, gyzyllaram eminiň ýanyndan başly-barat çykýan tüpeň seslerine

haýran galyp, ors baýary ýene gelendir diýip bakdylar. Olaryň düýbünden nätanyş atlylardygyny görübem goňşy obalaryň birinden ýigitler töwella gelendir öýtdüler. Emma olar ýalňyşypdy, olar Amady hanyň atlylarydy. Atyşygyň bir pursat togtanyny gören Amady sesinde baryndan iki tarapam eşider ýaly edip gygyrdy:

– Haw, ýigitler, iki tarapyňam begi meniň ýanyma gelsin!

Onuň buýrugyna döwdalanlaryň gahary geldi, olar ünsüni Amadydan sowup buýrugyň ýerine gyzyllara bakan atyp başladylar. Gyzyllaram jogap gaýtardy, öz sözüniň alga alynmandygyny duýan Amady, atlylary bilen daýyrdap orta girdi. Atyşyk nalaç kesilmeli boldy. Näden nä bolarka diýip duran emin hem baýdagyny süýräp Amadynyň yzyndan gaýtdy.

– Adamlar, biz Ganlybaşyň gandüşer garyndaşlary!.. Haýsy tarap oňa howandar çykdy?

Emin oňa Jaňkul murtuň ýanynda üýşüp duran ýigitleri görkezdi.

– Gyzyl garyndaşlar, garyndaşlyk edeniňiz üçin taňryýalkasyn. Indi gezek biziňki!

– Biz size gezegi bermeýäris. Bi gana suwsanlar biziň

pygamber ýaly ýaşulularymyzyň raýyny ýykdy, biz indi bir ýaňalak bolýança, bular bilen göreşeris! – Jaňkul murt pert-pert gepledi.

– Haw, pendili garyndaşlar, gyz alyp gaçmak bar zat. Görogly beg ýaly Göroglam Agaýunusy nikalap alyp gaýtmandyr...

– Bar bolsa sizde bardyr-da, bizde-hä ýok! – Şagelen Amadynyň jogabyny nagt etdi. Amady töwellany uzaklaşdyryp durmady.

– Men size töwella edip durar ýaly ýurduň kethudasy däl, aksakaly däl. Aklym siziňkiçe ýa bar, ýa ýok! Atyşyň, tä birek-biregi gyryp gutarýançaňyz atyşyň! Ýöne meniňem bir şertim bar, pendili garyndaşlar! Atyşyk gutaransoň diri galanyňyzy özüm gyraryn! Şu ýerden baýtalyna atlanyp hellewläp hiç kim aman gitmez!.. Hanha, bir gyz diýip tohumyňyza gyran degirjek bolsaňyz, ertä galmaň! Amady atasynyň ogludyr! Onuň diýenini edýändiginem berk belläň!

– Seniňem tüpeňiň çatlajak bolup duran bolsa garaş, bularyň bellisini edip, seniň bilenem görübiýris, beg ýigit – diýip, Şagelen gygyrdy. Amady oýa batdy. Ol iki tarapam nazaryndan geçirip ýaňadan gygyryp söze başlady.

– Biz ortadan aýrylmasak nädersiňiz?

– Onda biz ilki sizi tüpeňläris! – Şagylyjyň sözünden soň, Amady pähimlenip gürläp başlady.

– Ýigitler, türkmen aga bir ölüsine kyrk gün aglaýar. Emma gany gyzanda bir pursatda, birek-biregi tüpeňläp goýberýär. Meni gygyrdyp durmaň, hany baryň bärik geliň. Atyşygyň gaçyp gitjek ýeri ýok. Meniňem bir sözümi diňläň – diýdi. Eminem töwella etdi.

Şagylyç bi atlylara baş bolup gelen ýigidiň ortadan çykmajagyny bilip näalaç oňa tarap ýöremeli boldy, ony gören Jaňkul murt hem bardy.

– Pendili garyndaş, siz hem mamla! Duluňda oturan namysyňa el garylsa, ölüşmek türkmeniň borjy! Gyzyl garyndaş, siz hem mamla! Pena isläp gelen mysapyr üçin türkmen mydama-da gyrlyşyp gelipdir. Men hem mamla! Menem şol ýigidiň hossary! Menem onuň jesedini ata basyp garyp enesiniň gapysyndan baryp biliek däl! Diýmek, üç tarap gyrlyşyp gutarsa-da, il-gün oňlajak! – diýip, Amady ýigitlere nazar aýlady.

– Ýigit sen ortadan çyk, biz ölinçäk atyşjak. Eger aramyzda kimdir biri diri galsa, sen arkaýyn at-da gidiber, gany soraljak däldir! – Şagylyç Amada ýüzlendi.
– Üç sany hakykat bolmaýar. Biziň namysymyza degildi,

indi bir ýaňalak bolmasa, biz ýaşap bilmeris!

– Han, sen ýaňy üç hakykat ýok diýdiň, emma bar, häzir üç hakykat bar! Üçüsem gyrlyşyk bilen gutarýar. Şonuň üçin dördünji ýoly saýlap tapmaly! – Amady bir Şagylyja, birem Jaňkul murta garady.

– O nähili ýol?! – Şagylyç pessaý gepledi. – Seniň ýoluň kän ýaly-la, ýigit! Mert ýigidiň ýoly ýekedir! – Şagylyç oňa gazap bilen garady. Amady oňa üns hem bermedi.

– Türkmen diýeniň bir mert halkdyr!.. – Amady obadan ýempäp çykan Ganlybaşy gördi. – Ony Şerip gulam gördi. Şerip gul böwrüne geňeşip ýempäp gelýän ýigidi tüpeňläýinem bir diýdi, emma döwdalanlardan çekindi. Ol Ganlybaşy ölüm halynda çölden alyp geleni üçin içinden özüne, hapa-hapa sögündi, täleýine gargady. Hamana, şol ýigit bolmasa, onuň bagty açylaýjak ýalydy. Amady sözüni dowam etdi. – Görogly beg «Tüpeň çykyp dünýe namart oldy!» diýýär. Tüpeň mert ýigidiň şaýy däldir! Geliň, ata-baba dessura eýerip, aradan tüpeňi aýralyň! Biz ata-baba ýoluny ýöretmelidiris! Her tarapdan çykaryň bir ýigidi! Ana, mert mydama şeýdip gelendir...

Gürrüň uzaga çekensoň iki tarapyňam ýigitleri orta

üýşdi. Hatda olar gürrüňe gyzyp birek-birek bilen garyşdam.

– Ýigit, sen ýaňy men kethuda däl diýýän ýalydyň, kethuda bolmasaň, atyşy ýatyrjak bolup arrygyňy gynama! – Şagelen gazaplandy.

– Agaň barka aksakallyk saňa galmandyr. – Amady olaryň dogandygyny daş keşbinden çak edip aýtdy. – Pendili garyndaşlar, päliňizden gaýdyň, bir ýeke ýigidiň üstüne top-tüpeň süýräp gelmek aýyp bolar! Hanha, siziň ar almaly ýigidiňiz, öz aýagy bilen üstüňize gelýär. Çykaryň bir ýigidi, göreşsin, ýyksa başyny alsyn, «wah» diýse ol hem erkek däl, biz hem... Hanha Alyň ala meýdany!

Döwdalanlar Ganlybaşy görmändiler. Olar saç-sakal basyp giden ýigide nädip garanyny hem duýman galdylar. Olar ony gözleri bilen iýäýjek bolup dergazap seretdiler-de, dessine ýüzüni sowdular.

Amady hanyň sözüni ýanjap duranyna Şagylyjyň gany gaýnap, jany ýanýardy, emma nätsin, ol mamlady. Şu ýerde ýene bir gezek Şagylyç özüniň ýaşuly bolup bilmändigine ökündi, ýogsa ol munça bolup atlanman, Şageleni iberende, ol onuň ýedi janyndan birini diri goýjakmy!? Ol indi näme etiekdigi hakda oýlanmaga

synandy, öýlerinde süýnüp ýatan goja Döwdalan göz öňüne geldi, geýimleri pers ala diwana onuň oý-pikiriniň içinden hasasyny süýräp geçip gitdi... Şol mahal Şageleň gyjyrdap onuň gulagyna pyşyrdady.

– Akga, goýber meni, men onuň depesini guma süsdürip, damagyny çalyp geleýin – diýdi.

Şagylyç aýtmasyz zady dyzmaç inisine aýdanyny duýman galdy. – Sen onuň bilen nädip döşleşjek!?

Şageleniň ýüzüne kül urlan ýaly boldy, ol gelen yzyna gitdi. Şagylyjyň arkasyndan Şerip geldi:

– Akga, şol çolagyň ýanyna meni goýbersene. Onsoň şol çişip duran atlynyň garşysyna-da meni goýber. Men näçe ýyl bereketdir duzuňyzy iýip, size namys-ar günem gerek bolmadymmy? Men sizi doganym diýip ýaşap ýörin-ä bi ýalançy-da! Siz meni gul hasap edýäňiz – Şerip gul hamsykdy. Ony atyşa goýbermedik Şagylyjyň ýüregi awap gitdi. Öz ýanyndan «Dogan bolanda-da şuň ýaly wepaly bolar» diýip Şeribiň bolup oturyşyna nebsi agyrdy. Ol eminiň ýanyna ýöneldi. Emin ony görüp ak baýdak göterdi. Halaýyk bir täzelige garaşyp demini alman durdy. Özüniň sözüniň ýer aljakdygyny duýan Amady Ganlybaş bilen salamlaşdy. Halyny sorady, emma ýüz bermedi. Ol hem Ganlybaşyň edip

gaýdan işini oňlanokdy. Şagylyç döwdalan bilen eminiň az salymlyk gysga gürrüňinden soň emin:

– Pendili garyndaşlar, göreşe çykjak ýigidi orta çykarsyn diýýärler diýip gygyrdy. Ony eşiden Ganlybaş atylyp orta çykdy. Ol Amadynyň töwellasyna:

– Amady akga, ozalam men diýip bi görgüliler köp azap çekdi. Diňe men çykjak, çünki men bu zatlaryň sebäpkäri – diýdi. Ol «Men gelnimiň ykbalyny hiç kime ynanyp bilmerin» diýjekdi, emma süwümsiz görüp dymdy.

– Sen ýempeýän ýaly-la, ok-sok degdimi? – Amady ýanynda özelenip duran Ganlybaşa habar gatdy.

– Ýok-la, çöp dildi. Amady akga, menden gaýryny orta çykarsaň senden o dünýe bu dünýe gaty görerin...

– Köpeý ogly, özüň-ä ýagşy iş bitirip geldiň... Sen gyz alyp gaçar ýaly ýer urup ýerde galan ýetimmi, hossaryň ýokmy!?.

Her hal Amady ony orta çykardy, bu bolsa döwdalanlary kyn ýagdaýa saldy. Şagylyja ýalňyz çykalga galdy. Ol orta Şerip guly çykardy. Şerip gul özüne goýlan bu hormata tas ýeldirgäpdi. Emin iki sany guşak berdi, olar guşandylar, ilki emin olaryň guşagyňy

barlady, soňra olar bir-biriniň guşagyny barlady. Emin göreş başlanýandygyny yglan etdi. Aýagyna agram düşen Ganlybaş gaça göreşip, amatyny agtarýardy, ondan möwç alan Şerip güýjüm zorluk edip, gitdigiçe sürünýärdi, ahyry çemesine salyp abaýyny alan Ganlybaş «Alla» diýip ýanbaşa alyp magallakdan gaýtardy guly, döwdalanlaryň ýüzi ýer diläýdi. Şerip gul dessine turup ýaňadan ýapyşdy, emin olary ýene billeşdirip aradan aýryldy, mazaly şäker dadan Şerip gul aklyna aýlandy, eger şu gezek hem ýykylaýsa onuňkyň gutardygydy! Melewşe elden gitjekdi, ýanynda billeşip duran ýigidiň bilini Melewşe gujaklajakdy, üstesine-de, ol soň nädip döwdalanlara barsyn, nädip olaryň ýüzüne görünsin! Diýmek, takdyry güne galjakdy.

Ganlybaşyň aýagynyň sargysynyň daşyndan çykýan gany gören Amady, ony göreşe çykaryp ýalňyşandygyny duýdy, ol bi ýalňyşlygynyň soňundan heder eýledi. Ol Bike ejäniň ýeke oglunyň jesedini nädip onuň gapysyndan eltsin!? Ol Allasyny çagyrdy. Şol mahal hem Ganlybaşyň ýykylanyny görüp, ony şagga der basdy. Ol ýaňadan Allasyny çagyrdy. Gyzyllaram, pendililerem, Amadynyň nökerlerem ýaý deý dartylyp durdular. Aýgytly göreş başlanypdy, Şerip ýene öwjäp ugrady, Ganlybaş mundan peýdalanyp saldy çilişi, sag aýak

girdi Şeribiň çep aýagynyň içinden. Sargynyň daşyndan gan çüwdürilip başlady. Amady başyny ýaýkady. Aýagy sag bolanda Ganlybaş bi emeli salanda kim hem bolsa alýady, ýöne aýak namartlamasa, ol bu gezek almalydy. Şerip hem daýawdy, ol güýç bermän gaty kän durdy. Iki pälwan ortada leňňer atyp dur! Birde Ganlybaş alaýjak ýaly, bir-de Şerip. Bi badagyň häsiýeti şeýle-dä! Birden Şerip guluň gözleri Şagylyjyň içinden geçip barýan göreçlerine kaklyşdy, aljyrajak ýaly etdi, garşydaşynyň gowşanyny duýan Ganlybaş bar güýjüni edip gaňyrdy. Şerip dag gaýdan ýaly gaýdanyny syzdy, şol pursat hem ol indiki etmeli işini oýundan geçirip ýetişdi.

Ol «Hernä ujydysyň-da» diýip arkasy ýere degip-degmänkä dessine Ganlybaşyň aýyrdynyň arasyna dyzyny goýdy, Ganlybaş nagra dartyp, Şeribiň üstünden agdarylyp gitdi. Amady hem, ýaşlygyny göreşip geçiren döwdalanlaram, gyzyllaram, Amadynyň ýigitlerem Ganlybaşy garşydaşynyň erkeklikden jyda düşürendigini magat bildiler. Emin başyny ýaýkady. Amady Şagylyja bakdy... Şagylyç onuň nazarlarynyň öňünde durup bilmedi. Namys etdi, ýoldaky diwanany ýatlady. Soňam hiç zat bolmadyk ýaly atyny sürüp bardy ýerinden turan Şeribiň ýanyna. Şerip ýaýaplady.

– Gul ahyry gullugyňy etdiň-ä!

Şagylyç ýyldyrym çaltlygynda gylyjyny gynyndan sogrup alyp, edil boýnundan saldy, Şerip gul hatda wah diýip hem ýetişmedi. Soňam ol dälirän ýaly basdy ata gamçyny, doganlaram onuň yzyndan basdylar ata gamçyny. Atlar ýyldyrym bolup süýnüp barýardy, emma olar näçe gaty gitse-de, guluň salan bu masgaraçylygyndan gaçyp gutulyp biljek däldi...

Dünýe, sen haçan namart bolduň?!